# ŞORDAN TAPYLDY

## GOŞGULAR

TAGANBERDI (TAGY) PURMAND
(SERHOŞ)

GUNBEDKABUS
2004

# MOWZUGY

NAŞYRYŇ SÖZBAŞYSY 7
TAKRYZ
Ussat Baýramgylyç Farzam 8
Ussat Arazmuhammet Araznyýazy 10
GOŞGULAR
Tanysaň hudaýy 11
Remezan aýy 12
Heýran eýlediň 13
Zurýat enaýaty 14
Näşükür gedaý 15
Bilbil bilen garynça 18
Ene diliň 21
Türkmen sähra 22
Göreş dil ugrunda 23
Bizdedir 25
Çykan güller 26
Ary sen Türkmen 26
Toý gelşigi 28
Solmaly bolar 30
Ylymlar össe 31
Il azmany 32
Ýazardym goşgy 33
Ýat eder seni 34
Bu dünýä 36
Köňlüm islär 37
Duýgy täsiri 38
Eser galsyn 39
Dogry ozar 41
Öý gerek 42
Ilki çörekdir 43
Hekim Omar Haýýam 44
Ykbalyň şaýady 45

**Ne peýda** 45
**Öý ýykan dersed** 48
**Duman aýrylmaz** 49
**Gadyr-gymmat** 50
**Güýçli sen** 52
**Mert ýaşa** 53
**Däli bilen samsyk** 54
**Jennet daşlygy** 55
**Arman galmasyn** 56
**Küýsenmenk bolmaz** 57
**Juwanlyk eýýamym** 58
**Ömür gysga** 60
**Ýetmişiň dagy** 61
**Enemdir** 62
**Goja dünýä** 63
**Gam basypdyr** 65
**Aryp at bilen** 66
**Mübärek bolsun** 67
**Gal aýaga** 68
**Kuwat berdiň** 69
**Behiştiň agajy** 71
**Galkynşlydyr** 72
**Köp göçen** 73
**Bogmasyn** 74
**Göçmeli boljak** 75
**Ussat Nazarly** 76
**Ýaşlar bagtly bolsun** 78
**ÝIGITLIKDE GOŞULAN SÖÝGÄ DEGIŞLI GOŞGULAR**
**Gözel aşyk bolmuşam** 81
**Dokmaçy maral** 82
**Gel bäri** 83
**Perizat** 84
**Sona gozel** 85

# BEÝYK TAŇRYŇ ADY BILEN

**Türkmen edebiýatynyň medeni we ruhy baýlygynyň paýhasly ogullarynyň biri hem Taganberdi Purmand, Tagandurdy ogludyr. Ol il arasynda "Tagy" ady bilen tanalyp we "Serhoş" lakamy (Tahallusy) bilen poemalar we poeziýalar döredýär.**

**Dörediji uzak wagtlardan bäri köp sanly eserlerini türkmen dilinde çap bolýan žurnal-gazetlerinde neşir edip, okyjylara hödürländir. Indi hem öz eserlerini okyjylar köpçüligine ýetirmek maksat bilen uzak ýyllardan bäri poemalar we poeziýalaryny kitap suratda neşir edip türkmen edebiýatyna goşant goşmak arzuwsy bar. Şol sebäpden şahyryň poemalar we poeziýalary barada bir näçe kelam söz ýazmagy özüme borç bilip, gysga suratda şolaryň käbirini analyz etmek maksadym bar.**

**Döredijiň hünärini söýgi lirikalarynda aýan görmek bolýar. Şahyr gündogar we orta aziýanyň halklary ýaly söýgi lirikalaryny pars dilinde hem goşgy formada, gazal sratda döredip, olary golýazma fondunda saklap ýör.**

**Dörediji öz poemalarynda seýisleriň hünärini we kahryman atlaryň obrazyny örän oňat formada nygtapdyr. Bir poemasynda "Nazarly" ýaly ussat bagşyny wasp edip we onuň aýdym-saz ugrunda eden hyzmatyna uly baha berip ýazan eserinde at gazanan türkmen bagşylaryň hatarynda goýupdyr. Dörediji, ahlak we moral taýdan hem şygyrlar döredip, ynsana hormat we sylag goýmagy her bir ynsana wezipe bilipdir.**

**Indi bir näçe kelam hem türkmen we türk sygyrlary barada aýtmagy özüme borç bilýärin.**

| | |
|---|---|
| **Gelmez maral** | **86** |
| **Arzuwum** | **87** |
| **Görmedim** | **88** |
| **Jerenim** | **89** |
| **Iki gözel** | **90** |
| **Dilär men** | **91** |
| **Sona jan** | **91** |
| **Läle gyz** | **93** |
| **Jan Ejew** | **94** |
| **Yş adyna** | **95** |
| **Ybrat üçin** | **96** |
| **Dehistanyň içinde** | **97** |
| **EDEBI ÝAZGYLAR** | |
| **Nurýagdy aga** | **99** |
| **Bahar** | **101** |
| **Gurban aga** | **104** |
| **Aýşa bibi eje** | **106** |
| **Oguljan gyz** | **108** |
| **Mämetgurban aga** | **111** |
| **Hudaguky aga** | **114** |
| **AT, ATYŇ EÝESI, SEÝISLER ADY** | |
| **Bedew atlar** | **137** |
| **SORAG WE JOGAP** | |
| **Gökje ýolma şahyrdan soraglarym** | **138** |
| **Gökje ýolma şahyryň bizden eden soraglary** | **141** |
| | |
| **Köpdür gelen** | **145** |
| **Söýüşmek** | **148** |
| **Enedir** | **149** |
| **Köňlüm açylmaz** | **150** |

**türkmen we türk şygyrlary heja ölçegi bilen ýazylyp, aýdym suratda çykmaga ýardym berýär. şol sebäpden türkmen şygrynyň ussady Magtymguly Pyragyň 700 goşgusyndan iki ýüze golaý goyşgulary aýdym bolup halk arasynda, asyrdan asyra hazyna bolupdyr. Uly alymlayň tahkyklayna görä, türkmen we türk şygryny ýazmak üçin diňe heja ölçegi mynasypdyr. Şol sebäpden türkmen diliniň fonetik gurluşyklaryny aruzy ölçeg bilen goşgy ýazmakda kynçylyk döräp, ýazylan goşgular tebigy ýagdaýdan uzak düşýär we şahyr çäre tapmany aruzy ölçeg bilen şygyr ýazjak bolsa, arap we parssözlerden peýdalanýar.**

**Sözüm soňunda süýjy arzuw arkaly beýik taňrynyň beren güýçli talanty bilen dörediji ýene-de türkmen edebiýatyna hyzmat edip, ene diliň ugrunda döreden goşgulary we "Sere Gelen Sözler" adynda ýazan ýazmalaryny çapa ýetirip halk arasynda ýaýratsa, edebi we medeni we taryhy myrasymyza goşant goşar diýýän pikir bilen üstünlik arzuw edýärin.**

***BAÝRAMGYLYÇ FARZAM***
***(ÝAZYJY)***

# BEÝYK TAŇRYŇ ADY BILEN

Hormatly okyjylar, öz bilişiňiz ýaly häzirki ýaşaýan asrymyzda her bir halky özbaşdak edebiýat hem-de erteki, goşgular we dessanlary bilen tanamak bolýandyr. Eýsem türkmen halky-da asyrlar boýy öz aýdym-saz, läleler we çagalary ýatyrmak üçin hüwdüler, hem-de ýene goşgulary bilen ruhy baýlyk taýdan hiç bir halkdan yza galman eýsem üstün bolup köplerçe ýazgytlar ýädigär goýup edebiýat sungatyna borjuny ödändir. Bu bölek arasynda özbaşdak eserler diňe ynsansöýer ýürekli şahyrlara derekli bolup olaryň edýän aladasyndan aňsatlyk bilen göz sowup bolmaýar. Olar biziň ene dilimize uly gorakçy hökmünde uruş meýdanlarda söweşjeň ýönekeý ynsanlardan eden aladalary az däl-de diýmek artyk hem bolup bilýär. Häzirki ýagdaýda türkmen edebiýatyny yzarlap gelýän muştaklara "Tagy Purmand" şu asyrda ýaşaýan şahyr tanamaýan at däldir. Biziň garaýşymyza görä şahyr ýyllarça boýunda türkmen diliniň aýratyn ussady şahyr Magtymguly Pyragynyň muştaklarynyň biri bolup ussadyň belli günleri we ýa onuň adyna ýokary okuw jaýlarda gurulan gurluşyklarda, Günbed şährinde medeniýet bölüminiň adyny göteren gurultaýyň degerli agzasy bolup gatnaşýar. Şahyryň goşgulary köplenç öwüt-nesihat ugrunda klasik bölümli edebiýat neşriýelrde çap edilendir. Onuň goşgularynda we edebi sözler ady bilen ýazan nusgalarynda türkmen diliniň baýlygy çeperçilik bilen maglumat beryäni belli bolýar. Şahyryň goşgularynda ýaş wagtyndan bäri türkmen folklorynyň däp-dessurlery bilen ýakyndan gatnaşyk edýänini duýsaň bolar. Sebäbi onuň "Taze dörän nakyllar" adynda neşriýelerde çap edilen eserlerinden hem-de türkmeniň geçen döwürlerde ýaşaýyş ugrunda ýazan nusgalaryndan mälim boluşyna görä biziň ene dilimiz çäksiz baý we buýsançly bolmagyny duýmak bolar. Türkmen dilimiz häzirki döwürde ösmäni peselip barýan zamanynda ýazylan şeýle kitaplar goragçy hökmünde täsir goýjagyna güman etmeli däl diýip şahyra jan saglyk arzuw etmek bilen türkmen medeniýet ugrunda alyp barjak aladalaryna garaşýarys.

***ORAZMUHAMMET ORAZNIÝAZY***

***(ŞAHYR)***

## TANYSAŇ HUDAÝY

**Tanasaň hudaýy dogry ýürekden,**
**Imanyňy dergähine güýçli et.**
**Haýryň ýetsin kesme halky çörekden,**
**Tut golundan ýykylany işli et.**

**Misgini gözüňden sowma başarsaň,**
**Kadyr Alla özi ýarandyr saňa.**
**Il içinde abyraýly ýaşarsyň,**
**Rähmet ýagmyr ýagyp barandyr saňa.**

**Bermek bilen döwlet malyň egsilmez,**
**Birine on bolup geler ýerine.**
**Gysganç adam il içinde begsinmez,**
**Köp görenler biler gelip serine.**

**Ýalaňajy donap bilseň don bilen,**
**Ýa gyşyk çatmala öý salyp berseň.**
**Özüňden agyr hem bolsa on bilen,**
**Bir juwan ýigide boý alyp berseň.**

**Ýa adam bar köp çagaly zady ýok,**
**Içjek çaýy gaýgy iýmäge nany.**
**Özi ynsan hiç depderde ady ýok,**
**Utanjyndan ýokdur hiç ýerde sany.**
**Beýle ynsanlaryň tutsaň elinden,**
**Käbä gitmek ynsan saňa ne hajat!**

**Okadym ýazylan aryp dilinden,**
**Käbe ýakynyňda misgini täç et.**

**Käbä gitme diýmen, gitmezden ilki**
**Seret doganyňa, ýakyna-ýada.**
**Eneň-atań, gaýnyň garypdyr belki,**
**"Serhoş" sen biderek ýortmagyl ada.**

## REMEZAN AÝY

**Üç ýüz altmyş günde, on iki aýda,**
**Remezan aýydyr aýyň ýagşysy.**
**Möwç urar merewwet ynsaply baýda,**
**Hemmet eder ýokla baýyň ýagşysy.**

**Dogry durar tüýs musulman hudaýa,**
**Oraza tutarlar baýdan-gedaýa,**
**Mümün gullar barar ol ýagşy jaýa,**
**Jennetil-mäwadyr jaýyň ýagşysy.**

**Gyplat ukusyndan turgul, geçer sen,**
**Ajal oky gelse niräk gaçar sen,**
**Ahyrda ölümiň zährin içer sen,**
**Zulmat içindedir suwuň ýagşysy.**

**Süýthor guwanmasyn ýygnan malyna,**
**Toba etsin nazar tikip salyna,**
**Aglasynlar Remezan aý halyna,**
**Kuran nuzul bolan aýyň ýagşysy.**
**Eziz günleň pazylatyn bilseler,**
**Eziz aýda ümürlemän gülseler,**
**Misgine "Serhoş" dek ýürek dilseler,**

**Zuljelaldan ýeter paýyň ýagşysy.**

## HEÝRAN EÝLEDIŇ

**Bar ylaha! arzym bardyr şanyňa,**
**Gudratly işiňe heýran eýlediň.**
**Görünmez sen baraý diýsem ýanyňa,**
**Meni gerdişiňe heýran eýlediň.**

**Döwlet malyn gähi berip zyýada,**
**Gäh goýar sen bir eşeksiz pyýada,**
**Niçäniň gözüni pany dünýäde,**
**Hoş güni görkezmän gerýan eýlediň.**

**Birine berip sen zeýweri, zeri,**
**Birine berip sen akmaýa, neri,**
**Birine berip sen gyjalat deri,**
**Hekmet bilen hana weýran eýlediň.**

**Biri garyplykdan çörege zardyr,**
**Biri gan dökmäni özi hunhardyr,**
**Bilmen garyplarda ne tagsyr bardyr,**
**Hoş güni görkezmän seýran eýlediň.**

**Biri ýük astynda bükülyp bili,**
**Biri pulun satyp agladar ili,**
**Biriniň gerşinden düşmeýär pili,**
**Elini serdirip gerýan eýlediň.**

**Ýa reb özüň garyplara rehm eýle,**

**Keremli derýaňa baryn sähm eýle,**
**"Tagy Serhoş" otur, tur-da pähm eýle,**
**işlemäni diýme heýran eýlediň.**

## ZURÝAT ENAÝATY

**Kadyr Alla gudratyňdan, yaradyp sen barça zady,**
**Keremiňden joş eýleýip, merhemet kyl köňül şady,**
**Şatlygymdan tutup toýlar, çagyrmaga ýakyn-ýady,**
**Garyp köňlum islegidir, ogul-zurýat enaýaty.**

**Dilegimdir birje ogul, ýöne akyl-huşly bolsun,**
**Il haýryna ädim äden, söz gylyjy güýçli bolsun,**
**Daýhan bolup mal saklasyn, halal çörek işli bolsun,**
**Ýa reb senden bolsa perman, birje ogul kepaýaty.**

**Bir zamanlar öz günüme, pikir edip gan aglaram,**
**Geçer bu gün diýip gähi, Däli köňlümni çaglaram,**
**Hoja-yşan pirim diýip, muryt bilimni baglaram,**
**Birje ogul bolar derman, garyp köňlüm şepagaty.**

**Zurýatsyzyň ady ýiter, göýä dünýä gelmän ýaly,**
**Iki gözi ýumulanda, dargap gider ýygnan maly,**
**Niýetli guş käbä ýetse, "Serhoşyň" hem belli haly,**
**Umydym köp rahmanymdan,budur bendäň hekaýaty.**

## NAŞÜKÜR GEDAÝ

**Köp ötümli ýol üstünde bir gedaý**
**Näşükürlik edip diýdi: Eý Hudaý!**

**Aglamyşlap ýarawsyzlyk hal bilen:**
**Geçer ömrüm elim serip sal bilen.**

**Bidöwletlik ýeliň samany bolup,**
**Tozyýar men her gün saralyp, solup.**

**Bir ömürläp dözdüm gözümi süzüp,**
**Bir balyk tapmadym derýada ýüzüp.**

**Zar edip sen birje dişlem çörege,**
**Ne zyýany bardy berseň derege.**

**Gapylar agzynda köp zaman durup,**
**Kowdular näçesi söwüban, urup.**

**Çüýrük çykdy işen erşim ozaldan,**
**Paýym ýokdur meniň sona gözelden.**

**Berdiň halka mydam ýagly böregi,**
**Ne bolardy maňa berseň çöregi?**

**Ömrümde bir täze tüýe girmedim,**
**Tikeninden gorkup bir gül tirmedim.**

**Nazar salgyl tereziňe eý Hudaý,**
**Barly etdiň barça halky, men gedaý!**

**Gyzynar men gyşda ýürek oduma,**
**Düşek bolar garlar sagry-buduma.**

**Azaşyp men, dogry ýola salmadyň,**
**Men pahyry nazaryňa almadyň.**

**Höküm etdi Jebraýyla ol Hudaý:**
**Iş ugruny bilsin näşükür gedaý!**

**Dünýäge degerli bardyr matasy,**
**Gaçgyn güni işdir, şodur hatasy.**

**Lebbeýk diýip aýtdy rebbiň sözüni,**
**Ol misgine garap diýdi ýüzüni:**

**Dogry ýoldur hak jeliliň ýollary,**
**Bir ädim gel hak hem gelsin onlary.**

**Yhlas bilen tana bilseň jelili,**
**Gudrat bilen güýçlendirer zelili.**

**Barça zat berendir halka halygy,**
**Tor atmasaň tutup bolmaz balygy.**

**Işlemäge eliň, görmäge gözüň,**
**Berildi dil, ýagşy sözlegil sözüň.**

**Aýaklar berildi dogry ýörmäge,**
**Akyl-huş berildi döwran sürmäge.**

**Göz berildi bolsun ýoluňa çyrag,**
**Güýç kuwat berildi işiňe ýarag.**

**Bir gysym toprakdyr aslyňa pikr et,**
**Mahluk sen eý betbagyt, halyga şükr et.**

**Sen topraga dem berilip jan indi,**
**Niçik bu gün rebden nazaryň syndy.**

**Kimiň ryzky ýetmän jany alyndy?**

**Bu giň saraý sizler üçin salyndy.**

**Biziň işlerimiz yhsansyz bolmaz,**
**Biziň saçaklarmyz myhmansyz bolmaz.**

**Gapyny ýapmazlar saklaýanymyz,**
**Iýmekden gutarmaz biziň nanymyz.**

**Ykbalyň şaýady bardyr goluňda,**
**Daýangyl güýjüňe sag-u soluňda.**

**Gymmat goýgul elleriňe, gözüňe,**
**Näşükür sen gara çekgil ýüzüňe.**

**Genç bolany bardyr sende eý gedaý,**
**Zar aglar sen ýene neýlesin hudaý?**

**Köp genje degerli akylyň-raýyň,**
**Çeken zähmetiňe ýetişer paýyň.**

**Işleýän adamlar ýeter paýyna,**
**Düşek salar gyşda ýatjak jaýyna.**

**Sebäp, buýsanjydyr golunyň güýji,**
**Işleriň janyna bolýandyr iýji.**

**Kerimiň saçagy açykdyr, ýaýyň,**
**Işletseň aklyňy alarsyň paýyň.**

**Hakyň nury ýagty berer jahana,**
**Ýalta-betbagt etme nähak bahana.**

**Şatlyk bolan ýerde çekmegil gamy,**

**Rebbiňi ýatlaýyp hoş geçir demi.**

**Haka gunça bolup açylsaň bagda,**
**Ýetişer dadyňa gyssanan çagda.**

**Damja-damja suwdan derýa dörener,**
**Ýitigi gözleseň ahyr görüner.**

**Işle "Serhoş" ganahata bereket,**
**Alladan bereket, senden hereket.**

## BILBIL BILEN GARYNÇA

**Bir bilbil bagynda bikarar bolup,**
**Saýrady hoş owaz sedasy bile.**
**Bossanyň içinde gazallar düzüp,**
**Aýdyşdy tüýdügiň jydasy bile.**

**Hoş bolup bu bagdan ol baga uçdy,**
**Ta magşugy gyzyl güle ýetişdi,**
**Şonda bir garynça nazary düşdi,**
**Çeker zähmet jannyň pydasy bile.**

**Gördi däne diýip urunyär her ýan,**
**Şu söhbetler boldy ol halda jerýan,**
**Çähçäh urup bilbil sözledi urýan,**
**Tawus dek näz edip edasy bile.**

**Magrur bolup diýdi: nadan bihabar,**
**Bu hoşluk çagydyr eýlegil nazar,**
**Işleýip ömrüňi geçirme heder,**

**Ýüzleşdi garynçañ nedasy bile.**

**Biderek aldanma bu geçer wagta,**
**Hoş bolup guwanma bu täze ragta,**
**Azygyň bolmasa düşersiň sagta,**
**Hazan geler bahar wedasy bile.**

**Waýdyr seniň günuň gyş gelen çagda,**
**Ýapraklar döküler gül galmaz bagda,**
**Emma meň çöregim şonda hem ýagda,**
**Tapylar her kime pydasy bile.**

**Öý bilen ammarlar salgyl özüňe,**
**Bardyr gyş hem guwanmagyl ýazyňa,**
**Jogap berdim seniň diýen sözüňe,**
**Söwda eder "Serhoş" hudasy bile.**

## ŞORDAN TAPYLDY

**Ýitigim bar diýip köp ýeri gezdim,**
**Gözleýän ýitigim şordan tapyldy.**
**Ilkiler tapmany tamamy üzdüm,**
**Ahyrda islegim zordan tapyldy.**

**Meniň gözleýänim saçlary şamar,**
**Ýa owadan gaşly, gözleri humar,**
**Ýa döşüne çykan almadyr enar,**
**Hiç biri däl eken törden tapyldy.**

**Ýitigimi gara ýer diýp gözledim,**
**Akgyn çukur ýer bolanyn düzledim,**
**Suw ýeriň enesi diýp sözledim,**
**Altyn dökülenmiş çörden tapyldy.**

**Dünýäde tanalan türkmen halysy,**
**Ony dokan gözelleriň ýalysy,**
**Tapylarmy Inçeburnuň şalysy,**
**Haýran bolup gezdim zordan tapyldy.**

**Türkmensära bereketli çöllüdir,**
**Dokmaçy gyzlary çeper ellidir,**
**Gamyş gulak turkmen aty bellidir,**
**Bularyň barysy şordan tapyldy.**

**Derelerde çykan sonar otlary,**

**Saklaýandyr ýylkylary atlary,**
**Dag göwsünden öner baýlyk gatlary,**
**Uly daş magdany şordan tapyldy.**

**Çyratan, gatybaş, ýandak, guşgözi,**
**Demirtiken, göýül dermandyr özi,**
**Derman otlar köpdür "Serhoşuň" sözi,**
**Guşgonmaz, goňurbaş, şordan tapyldy.**

## ENE DILIŇ

**Diliň, ene diliň ýarmasa diliň,**
**Ol dilden dil bolmaz şuny hem biliň.**
**Saýramaz hiç bilbil gunça görmese,**
**Geliň gunça güle şat bolup gülüň.**

**Eliňden geläýse ene diliňi,**
**Suw berip, sakla sen gunça gülüňi.**
**Gujuryň, gaýratyň bolaýsa eger,**
**Sowmagyl gözüňden gözel iliňi.**

**Ençeme ýil boldy dilime zulum,**
**Her ýagda bolsa-da kakylmaz külüm.**
**Ejesin çagyryp "Maman" diýene,**
**Näme at dakjagyny bilmeýär dilim.**

**Gäwşäp duran sygyra hem bakarsyň,**
**Ol hem aslyn ýitirmäni "Mo" diýer.**

**Türkmenligne gynanýan hem tapylýar,**
**Iki sany diýjek bolsa "Do" diýer.**

**Pars dili şekerdir diýipler ozal,**
**Hünärli Türkde hem tapylar gazal.**
**Şekere şekim ýok süýjüdir, akdyr,**
**Her kimiň öz dili iline gözel.**

**"Aslsyn dänen kapyr!" diýilşi ýaly,**
**her ýagdayda Türkmen dili gurlalyň.**
**Bilelikde dostlar "Serhoş" boluban,**
**Laý basan çeşmäni gazyp durlalyň.**

## TÜRKMENSÄHRA

**Bereketli gara däri topragyň,**
**Bardyr seniň Türkmensahra döşüňde.**
**Miwesin gujakda saklan ýapragyň,**
**Gür jeňňeliň köpdür dagyň başynda.**

**Akmaýa çöküban gyşyna daga,**
**Gaýdyrýandyr näzy bilen ýerleri.**
**Şaglap gelen suwlar dermandyr baga,**
**Şat edýändir sazy bilen serleri.**

**Bir ýanyň jeňňeldir, bir ýanyň baýyr,**
**Jeňňeliňden öner agaç hem tagta.**
**Baýryňa bitýändir gyrtyç hem çaýyr,**

**Döşüňe ekilýär bugdaý hem pagta.**

**Doludyr baýyrlar guzy-goýundan,**
**Ýylkysy hem bardyr şahly mallary.**
**Örýändir her kimiň çopan öýünden,**
**Sanamakdan köpdür düýäň sanlary.**

**Ýüzlerçe bar towuk saklanan jaýlar,**
**Salyndy göwsüňde görk berer çöle.**
**Onlarça un, pagta kärhana baýlar,**
**Dikeltdi bezegdir asfaltly ýola.**

**Egsilmese gerek mele çöregiň,**
**Sebäbi bereket ýagan sähradyr.**
**"Serhoş" bolup diri sakla ýüregiň,**
**türkmeniň alnyndan dogan sähradyr.**

## GÖREŞ, DIL UGRUNDA

**Medeni myrasy bardyr her iliň,**
**Gymmaty köp bolar illere diliň.**
**Geçmişiň gün ýaly ýagtydyr Türkmen,**
**Galkynsyn ene dil berk guşa biliň.**

**Türkmen diliň atasydyr Pyragy,**
**Ýakdy gitdi öçmez-sönmez çyragy,**
**Açyk ellileri çykardy arşa,**
**Mündüriban sahylara buragy.**

**Öten aryplardan Attar bar Jamy,
Aryplaň arypy Möwlana namy,
Bulhasan Harakan, Şemsed-din Hafyz,
Baýezit, Pyragy yrpanyň bamy.**

**Bular öz dilinde goýdular eser,
Ylmynyň şemaly dünýäde öser,
Idegsiz galandyr ene dilimiz,
"Ýetim çaga özi göbegin keser!"**

**Pars, Arap, Ors hem gatyşyp dile,
Saýlasyn alymlar oturyp bile,
Elipbiý harpyny täzeden düzüp,
Tikenli bossany dönderiň güle.**

**Ýemsi etmän ýörişiňi her halda,
Göreş dil ugrunda degäýseň çalda,
Ene dile "Serhoş" eýlegil talaş,
Netijä ýeter sen bir näçe salda.**

## BIZDEDIR

**Eýranyň ýurdunda Türkmen çölunde,
Jerenler gaçarly düzler bizdedir.**

**Çagatly gollarda çopan elinde,**
**Teke goçly urba ýozlar bizdedir.**

**Ýagty edip ýalkymyndan jahany,**
**Gorjalaňa salan yşkyň nahany,**
**Her näçe goýulsa azdyr bahany,**
**Aýa dogma diýen ýüzler bizdedir.**

**Atlanyp halysy dünýäde belli,**
**Gamyş gulak aty owadan tenli,**
**Busanmaly Türkmen sen bilen menli,**
**Myhmany sylaýan duzlar bizdedir.**

**Rähm etmäni jellat keser başyňy,**
**Goýmaz garamaga degre-daşyňy,**
**Boýar gyzyl gana gözel läşiňi,**
**Gan dökmän öldüren gözler bizdedir.**

**Ýaz paslynda gülüstanyň gülleri,**
**Saýradar käkilik hem bilbilleri,**
**"Serhoş bolup ýaşar Türkmen illeri,**
**dili hamrak ýagşy şözler bizdedir.**

## ÇYKAN GÜLLER

**Tebigatyň nury düşüp, hakyň nazar salan ýurdy,**
**Ýa reb diýip daýhanlarmyz, pagta ýere azal urdy,**
**Gyş aýlary gar üstüne, garlar ýagyp gyrdy gurdy,**

**Indi bolsa bahar gelip, ýaşyl köýnek geýdi çöller.**

**Hazan gelip dökäýse-de, ýapraklaryn barça bagyň,**
**Ýa soldursa müşk kokaýan otlaryny Narly dagyň,**
**Indi bolsa saýrar bilbil, gülüstana baran çagyň,**
**Görer sen baglar içinde, isli-kokly çykan güller.**

**Çopan tüýdük çalan wagty, örä gider goýun-guzy,**
**Garry enäň gözündedir, gyrkym bolsa ýüňüň ýozi,**
**Çarwalarmyz seýr ederler, bahar aýy dagy-düzi,**
**Çöl-sähraýa çykyp görseň, köpdür biziň Türkmen iller.**

**Atçapgyly toýlarmyzda, sazandalar sazyn çalyp,**
**Garry juwan şatlyk eder, ýüregine joşgun salyp,**
**Ýaz paslynyň waspyn aýdar, "Tagy Serhoş" galam alyp,**
**Bilbil güwýa tekin saýrar, bahar aýy ýagşy diller.**

## ARY TÜRKMEN SEN

**Türkmenligmi buýsanç bilen aýdar men,**
**Dünýä halky tanaýandyr Türkmen men.**
**Aslym ary, Oguzhandyr kökümiz,**
**Her mekanda, her ýagdaýda ürkmen men.**

**Gujur-gaýrat sözi geläýse ara,**
**Türkmen ili düşer ilki ýadyna.**
**Her taryhçy ýazan bolasa gerek,**
**Bir näçe sahypa Türkmen adyna.**

**Türkmen ynanjaňdyr, boş bolar boýny,**

**Ynanar bir ýola gitse atyna.**
**Ýöne namartlygy göräýse gözi,**
**Salýandyr namardy ýeriň gatyna.**

**Taryh boýy seretseň şöhratdyr, atdyr,**
**Geçmişiň ýagtydyr, aslyňa buýsan,**
**Sözünden, gözünden tanalar Türkmen,**
**Ary sen nesliňe pikr edip üýsen.**

**Gamyş gulak, boýny inçe at bilen,**
**Tanalar dünýäde elwan halysy.**
**Söweş güni duşman bilen atyşan,**
**Köpdür Baýram han dek Jüneýt ýalysy.**

**Sahylyk babynda tapylmaz taýy,**
**Çöregi saçagy açykdyr ýaýyň.**
**Uzak gijeleriň ýary hem bolsa,**
**Myhman bolup barsaň, alarsyň paýyň.**

**Meşgul bolup gezer elmydam işde,**
**Daýhançylyk uly käri bolýandyr.**
**Düýe, sygyr, goýun, at-ýylkysyna,**
**Ogul-gyz, aýaly ýary bolýandyr.**

**Ukyby Allaga, Ýalany bolmaz,**
**Ynamyn sermaýa biler sözüne.**
**Uýatly bolajak bolsa her ýerde,**
**Bu sypaty kemlik biler özüne.**

**Köpçülige pikir edip otursaň,
Her bir iliň oňady bar, erbedi.
Aradan erbedi saýlap götерseň,
Türkmen bolup galar iliň sermedi.**

**Garry-juwan "Serhoş" bolup gezýändir,
Hiç bir ilde bolmaz Türkmen toýlary.
Köşk diýp salýandyr hanlar, sultanlar,
Köşge berimsizdir akja öýleri.**

## TOÝ GELŞIGI

**Toý gelşigi bolar dutar hem gyjak,
Ýigitleň islegi inçe bil, gujak.
Agaç öýüň bolsa gaýra çölünde,
Gyş gyzynmak üçin gerekdir ojak.**

**Türkmen toýda aýdym aýdasa bagşy,
Şorta söz ýolbaşçy, köp oýnar nagşy.
Medeni myrasy gursakda saklan,
Şahyrlar hem goşgy okasa ýagşy.**

**Gelin-gyz hem bolar toýuň gelşigi,
Geýip gelse gök-al esbap eşigi.
Älemgoşar tekin ýalkymlar salyp,
Bezär toý meýdany eýwan köşügi.**

**Oturandyr saçak başynda ene,**
**Üýşürip daşyna bir näçe sona.**
**Aýagy düşümli gelin bolsun diýp,**
**Gutlar arzuw eder toý bolsun ýene.**

**Bezeg berer toýa jarçylaň sesi,**
**Dosta hyzmat eder toýuň eýesi,**
**Köpçülikde ýataksyz hem tapylyp**
**Uruş eder toýda adamyň pesi.**

**Ýene, bir-iki zat toýa degerli,**
**Göreş, at çapgydyr ýöne egerli.**
**Paň pählwan bolup atçylary-da,**
**Bolsa Gojuk, kelte, pezze, çogarly.**

**Şonda toýuň toýa ulaşsa gerek,**
**Türkmen toýy diýsek boluşsa gerek.**
**Maýa _ gelin, iner _ ýigit toýunda,**
**"Serhoş" bolup dostlar gülüşse gerek.**

## SOLMALY BOLAR

**Ýiliň dört pasly bar: ýaz, tomus, güýzdür,**
**Bardyr gyş aýy hem şolardan yzdyr.**
**Güýz-gyşy ýagyşly bolasa eger,**
**Ýazyň dogurany gök-ýasyl gyzdyr.**

**Ýaz aýynda gunça baglanar baga,**
**Miwe atly tomus ýetişer çaga.**
**Miwäni agaçdan ýygar bolsaňyz,**
**Ser ediň güýz aýy sol bilen saga.**

**Pazylaty bardyr her paslyň, aýyň,**
**Gar ýagyp gyş daga al diýer paýyň.**
**Ýagan garlar ýaz aýynda ereýip,**
**Daşyp gelmegini görersiň çaýyň.**

**Tomus aýy bereketli ot ýagar,**
**Ýaz goýun, süýt içen geçisin sagar.**
**Ýadyrak ýyldyzy dogandan soňra,**
**Tomusyň möwsümi ortadan agar.**

**Güýz aýynda tupan geler, ýel bolar,**
**Ýaprak düşüp köp agaçlar kel bolar.**
**Göçmek pikre düşer goýun maldary,**
**Çopanlar mekany dere çöl bolar.**

**Pasyllar wagtynda barçasy işli,**

**Hekmeti bar bir-birine degişli.**
**"Serhoş" bolup geçir bäş günlük ýazy,**
**solmajak ýok ahyr solmaly bolar.**

## YLYMLAR ÖSSE

**Ykraryň bolmasa girmersiň sana,**
**Ilkiden diliňe bolmaly gaýym.**
**Sözüňe ygtybar bolmasa jana,**
**Ot salar ýandyryp köýdürer daýym.**

**Bir kişiň aýaldan parhy paýhasy**
**Bolmaly, sebäbi daýawdyr güýçli.**
**Öwürmäň ýerine başda tahýasy,**
**Bolýandyr är kişi elmydam işli.**

**Ejizlik sebäpdir her ýowuzlyga,**
**Sebäbi ejizler güýji ýetmäni __**
**Ykraryny salar pis gowuzlyga,**
**Ýüzlener ýalana işi bitmäni.**

**Ýalan erbet, ogrulyk hem getirer,**
**Ogrulyk ýöne bir ýol kesme dädir.**
**Bir näçesi gezer söwda ýolunda,**
**Ynsap ýattdan çyksa ol ösme däldir.**

**Kemçilik aýrylar ylymlar össe,**
**Ýalana alymlar baha bermezler.**

**Ylym arkasyndan bilimler össe,
Beýle il içinde ýlan görmezler.**

**Ýalana sebäpdir ýene birje zat,
Mal ýagdaýy dogralmasa milletiň.
Medeniýet össe ülkämiz abat,
"Serhoş" şol ýagdaýda görmez zilletiň.**

## IL AZMANY

**Il azmany başa bela gelmezmiş,
Ajaly ýetmese ýatan ölmezmiş.
Arça, turunç bagy ýyl boýy mydam,
Ýaşyl öwsüp her ýagdaýda solmazmyş.**

**Ýoldaşy her kimiň niýýeti päli,
Saýgarmak kyn boldy sag bilen soly,
Gidendir aradan rähm-u şapagat,
Gatyşdy harama kömpleriň maly.**

**Ganahat aýrylyp bereket gitdi,
Jöhit bazarynda ynsap hem ýitdi,
Pul üçin bir näçe baýsyran samsyk,
Pikr etmän soňuna wyjdanyn satdy.**

**Näçeleri sülük sypat bolupdyr,
Ýapyşan adamnyň reňki solupdyr,
Hudaýa, wyjdana garşy duranlar,**

**Kesel bolup aramyzda dolupdyr.**

**Köp ýaşaýan bilmez illeri gezmän,**
**Daýhançylyk bolmaz, ýer ýüzi gyzman,**
**Sahy bolup garyplary gollagyl,**
**Keremli derýadan umydyň üzmän.**

**"Tagy Serhoş" sen wyjdanyň guly sen,**
**muhapbet bossanyň gunça güli sen,**
**geçmejek tapylmaz pany dünýäden,**
**bilmesim men dünýä niçik loly sen.**

## ÝAZARDYM GOŞGY

**Begenip bir zaman ýazardym goşgy,**
**Goşgy ýazmagň hem bar idi yşky.**
**Şahyra erkinlik uly maýadyr,**
**Ümürli howada neýlesin köşgi.**

**Duýgy has gerek zat bolýandyr,**
**Şahyra goşgudyr baýlygy mülki.**
**Ynam ýokdur mülke, mala, aýrylar,**
**Asyrlarça galar eserler belki.**

**Ýazanlary ile degişli bolsa,**
**Talap eden haky geňeşli bolsa.**
**Galamy eserli bolar şahyryň,**
**Ile ýürek ýakyp ýeňişli bolsa.**

**Ile täsir goýar şahyryň sözi,**
**Dag basar ýürege ýandyran közi.**
**Bilen köpdür ýöne aşa gitmäni,**
**El çoýmaly ilki közüne özi.**

**Ýazyjy-şahyrdyr ýol-ýorda başy,**
**Gözdür - il başlgy, şahyrlar - gaşy.**
**Her kim öz işinde paýhasly bolsa,**
**Garry, gartaň, juwan parh etmez ýaşy.**

**Şayr buýsan ýazan hatyňa buýsan,**
**Geçmişiňe Türkmen atyna buýsan.**
**"Serhoş" sen daýhan hem maldar sen özüň,**
**gök ýaşyl sährada otuňa buýsan.**

## ÝAT EDER SENI

**Uzatma dost diýip eliňi her ýan,**
**Näçesi dost diýip mat eder seni.**
**Ýakyban ýüregiň ederler beryan,**
**Geçirip müzmünden had eder seni.**

**Bilseler ýanyňda barlygyn puluň,**
**Bolarlar ol zaman hyzmatkär-guluň,**
**Egsildip ýanyňda gymmatyn gülüň,**
**Artykmaç gülden diýp bat eder seni.**

**Akyldan azaşyp höwese gitseň,**
**Höwese ulaşyp gözlerden ýitseň,**
**Saýgarman soňuny erbet iş etseň,**
**Gutaryp puluňy lat eder seni.**

**Boşadyp jübiňi tapmasaň ýoluň,**
**Ördek, gazlar uçup boş galsa kölüň,**
**Garaman gidäýseň sag bilen soluň,**
**Werşikest boldy diýip at eder seni.**

**Bagtyňdan aýalyň wepaly bolsa,**
**Eger-de gaýgydan gül ýüzi solsa,**
**Bar bolan muşakgat başyna gelse,**
**Ýene-de başarsa şat eder seni.**

**Sag bolup ýaşasyn dostuň niçesi,**
**Halal süýt emdirip ozal ejesi,**
**Ýadyndan çykarmaz gündiz, gijesi,**
**"Serhoş" bol diýiban ýat eder seni.**

## BU DÜNÝÄ

**Dünýäniň düýbüne oýlanşyk etseň,**
**Ýyldyrym dek bolup geçer bu dünýä.**
**Aslyna göz tikip netijä ýetseň,**

**Garrymaz, hiç ölmez geçer bu dünýä.**

**Belli bir gymmat ýok bir zerre wagta,**
**Ömrüň köp azlygy baglydyr bagta,**
**Tutdurmaz münseň-de süleýman tagta,**
**Ýetdirmez el bermez gaçar bu dünýä.**

**Ajal bir saýýatdyr duzakly, torly,**
**Gyzykly bazary merjenli, dürli,**
**Şat eder gam salar şirinli, şorly,**
**Bir gün ganyň dökmän içer bu dünýä.**

**Ynsanyň ahyrda matasy, maly,**
**Onki gez gamysdyr türmesi, şaly,**
**Görer sen adamzat şeýle bir haly,**
**Her kimiň donuny biçer bu dünýä.**

**Yzraýyl janyňy almaka tenden,**
**Aklyňy almandyr köp zaman senden,**
**Arzymy eşdiňiz nasyhat menden,**
**Ýädigär goýany seçer bu dünýä.**

**"Taky" sen hoş geçir bäş günlük ýazy,**
**Ruhuňa damak et aýdymy sazy,**
**Dünýäni erider hidrožen gazy,**
**Ylm üçin gujagny açar bu dünýä.**

## KÖŇLÜM ISLÄR

**Köňlüm islär gezsem älem-jahany,
Perwana dek uçup gülden güllere.
Berip bolmaz görmän halka bahany,
Bilmek üçin gezsem ilden illere.**

**Durmuşa düşünmek kyn imiş ilki,
Sebäbi gerekdir çüň okuw ylym.
Düşünyp bilmeseň şol ýagdaý gülki,
Ylyma talaş et goý artsyn bilim.**

**Bilimiň bolansaň synar sen ody,
Yssyny özüňe basyp görer sen.
Beýle bir ýagdaýyň ydalat ady,
Ydalat saýada döwran sürer sen.**

**Beýle ilde elin seren tapylmaz,
Sebäbi ylaty işli bolýandyr.
Işlejege iş gapysy ýapylmaz,
Agzybir ýaşaýanlar güýçli bolýandyr.**

**Sany az ylatyň agzybir bolup,
Agzybirlik dogry düzgün getirer.
Sözle "Serhoş" il haýryna ýylgyryp,
Duýgusyz şahyrlar ümsüm oturar.**

## DUÝGY TÄSIRI

**Gaty ýere dogry düşäýmez azal,**

**Duýgy hem bolmasa şahyrda ozal,**
**Dogry gelmez kapyýasy, silaby,**
**Her näçe diýse-de ol gözel-gözel.**

**Her bir zadyň dady bardyr paslynda,**
**Şahyra hem duýgy gerek aslynda,**
**Her kimde şol duýgy bolmasa ilki,**
**Kemçilikler bolar aşyk waslynda.**

**Şahyrlara duýgy gerek zat weli,**
**Bolaýsa gülüstan içinde güli,**
**Eserler syzdyryp ýazar ýürekden,**
**Suw eder ýer ýüzün mysly bir doly.**

**Duýgudan her näçe ýazylsa azdyr,**
**Bir hünär duýguda - aýdymdyr sazdyr,**
**Täsir goýan haýwan, ynsan, nebata,**
**Dört paslyň içinde güýz bilen ýazdyr.**

**Datlydyr ynsana täsir ýetirmek,**
**Boýnundadyr halkyň işin bitirmek,**
**Elinden geleni etmeli her kim,**
**Şahyra ýaraşmaz ümsüm oturmak.**

**Ýürekde duýgyňyz bolaýsa eger,**
**Ýazyňyz eneden dünýäýe deger,**
**Alladan, Resuldan soňra hormatly,**
**Barmydyr eneden başga-da meger.**

**Bir ussat bar onuň beren tälimi,**
**Ýagty etdi bize nahan, mälimi,**
**Hormaty wajypdyr ene-atanyň,**
**"Serhoş" aýdar ýa reb alma pälimi.**

## ESER GALSYN

**Ýigitler gadryny biliň ömüriň,**
**Göz açyp ýumýançaň geçip baradyr.**
**Başarsaň eser goý özüňden ilki,**
**Yadygär goýany seçip baradyr.**

**Oýa sakla wejdanyňy her halda,**
**Dogrulygy maýa bilip özüňe.**
**Getirme ýanyňa ýalan keselni,**
**Göwher tekin gymmat goýgul sözüňe.**

**Berimli el berk gapyny açýandyr,**
**Açyk etgil ýigitlikden eliňi.**
**Köpeler hormatyň iliň içinde,**
**Sözletmeseň ýersiz yere diliňi.**

**Kämil bolar adamzadyň akyly,**
**Nesip çekip kyrka ýeten zamany,**
**Kethudalyk etjek kişi bellidir,**
**Saýlanar ýigidiň ýüwrük-çamany.**

**Geçer ömür belli bolmaz geçmegi,**
**Elli ýyl hem bir ortanja ýaş bolar.**
**Ozal ýagşy ýolda gezen ýigitler,**
**Indi bolsa il içinde baş bolar.**

**Ahmyryn çeker sen geçen zamanyň,**
**Ilki "Myş"dan[1] geçip kütelse küýüň.**
**Ikinji "miş"[2] soňra segsen, togsana,**
**Kuwat gaçyp bilden büküler boýuň.**

**Her ýagdayda "Serhoş" sakla özüňi,**
**Rebbiňi çykarma hergiz ýadyňdan.**
**Benadyr, ýazuwdyr ylym-bilimden,**
**Gidejek sen eser galsyn adyňdan.**

## DOGRY OZAR

**Oz hakyna kanyg bolan egsilmez,**
**Köpeler hormaty iliň içinde.**
**Her näçe gom turup tolkunlar atsa,**
**Gämisi agaymaz sylyň içinde.**

**Ösüm aljak bolsaň çykarma ýatdan,**

[1] Ilki "Myş": Altmyş.
[2] Ikinji "Miş": ýetmiş.

**Dogrulyk bir borçdur ynsan boýunda.**
**Uruşyp, dalaşyp mal üçin hergiz,**
**Ýykylaýmaň kahba pelek toýunda.**

**Atalardan-babalardan nakyl bar:**
**"Dogry ozar, eger azar" diýerler.**
**Halk malyna göz tikmeýen ýigitler,**
**Il içinde toý donuny geýerler.**

**Dogry tutuň ilki başdan bynany,**
**Egri arça gurluşyga ýaramaz.**
**Gelse gahry tebigatyň erbede,**
**Amy, alym, sopusyna garamaz.**

**Ynanyň ydalat terezä mydam,**
**Oýnap durar gyly gyldan saýlaýyp.**
**Şu dünýäde haky haka ýetirer,**
**Kadyr Alla gudrat bilen aýlaýyp.**

**"Serhoş" seniň sydkyň bardyr Allaga,**
**galsyn senden ýaz nesihat sözüňi.**
**Ganahat eýlegi hala çörege,**
**Haram maldan gaçyp ýumgul gözüňi.**

## ÖÝ GEREK

**Galam alyp ýazjak bolsaň goşgyny,**
**Ilki başdan azat pikir, küý gerek.**

**Maldarçylyk etjek bolsaň çöl ýerde,**
**Çuň hem bolsa sowuk suwly guý gerek.**

**Uly iş tutmaga gerekdir maýa,**
**Ylmyň köp bolsa çykarsyň aýa,**
**Ylym derýasyna girmeli bolsaň,**
**Ýüzüm hem bilmeli soňra boý gerek.**

**Öýermeli bolsaň ogluňy eger,**
**Nesihatym tutsaň dünýäýe deger,**
**Geçdi tuty bilen ýatylýan zaman,**
**Erkin ýaşamaga ilki öý gerek.**

**Gelin diýip alaýsaň aýry illerden,**
**Ser etgil, bolmasyn gaýry dillerden,**
**Bir ömürläp köýüp geçmejek bolsaň,**
**Türkmeniň nesline Türkmen soý gerek.**

**Öý işini kemsizlikde bitirseň,**
**Etjek işiň göz öňüne getirseň,**
**Gulak gutun açan "Serhoş" dostlara,**
**Dutar, gujak, bagşy saýran toý gerek.**

## ILKI ÇÖREKDIR

**Galam alyp çaý başynda goşgyny,**
**Ýazar boldum bu gün ýürekde baryn.**

**Başlaryn wasp edip dünýä yşkyny,**
**Çeker aşyklar hem magşuklar zaryn.**

**Aşyk bolar ynsan ýigitlik çagda,**
**Ýürek söýen gözeline jenana.**
**Telwas eder gezse ýar bilen bagda,**
**Emma gojalanda bakmaz zenana.**

**Dünýä yşky bir zenan däl, ýene bar,**
**Belki hem zenandan ilki gerekdir.**
**Onuň ady puldur bar il oňa zar,**
**Garybyň gaýgysy ilki çörekdir.**

**Mydam bardyr mele myssyk çöregi,**
**Türkmen iliň saçagynda töründe.**
**Sebäbi Allaga bagly ýüregi,**
**Ylaýta bişirse ojak gorunda.**
**Ýöne bir çörek däl ýaşamak görki,**
**Öý gerek ýaşamaga ilkiden.**
**Egin-eşik, gap-gajakdyr öý durky,**
**Iş bitmeýär __ şayat, nesip, belkiden.**

**Bular bary geler ynsan eline,**
**Işde dogrulygy maýa bilseler.**
**Ondan soňra guwanarlar gülüne,**
**Begeneris "Serhoş" bolup gülseler.**

## HEKIM OMAR HAÝÝAM

**Hekim Omar Haýýam kapyr bolaýsa,**
**Men ozaldan kapyr eken ýaranlar.**
**Ekip gidenleri bu gün solasa,**
**Bilmezlikden kasyr eken ýaranlar.**

**Köp alym danalar ýygnanan ýerde,**
**Jam şerabyn içip ýürek dilerler.**
**Aryp, a:my her küý bolaýsa serde,**
**Çekinmän duýgusyn aýda bilerler.**

**Gazal setirlerini bilmeýän azdyr,**
**Ýöne manysyny seçmeli ilki.**
**Bilmeýäne hazan, bilene ýazdyr,**
**Yrfan çeşmesinden içmeli ilki.**

**Jam şerap diýp başlar yrfan sözüni,**
**Uçar semawata jamy nuş eden.**
**Açandyr köpleriň haka gözüni,**
**Hak ýolunda ýürekleri joş eden.**

**Gazallarnyň manysyny seçmäge,**
**Ukyply, pähimli ylym gerekdir.**
**Yrfan şerabyny ganyp içmäge,**
**"Serhoş" hem bolaýsaň bilim gerekdir.**

## YKBALYŇ ŞAÝADY

**Gowgaly bazardan gaçan gutulmaz,**

**Töwekkil eýleýen añsat utulmaz,**
**Il haýryna ädim ätmeýen kişi,**
**Oturşyk, meýlisde ady tutulmaz.**
**Soraşaýsañ öndan kim bolar ýagşy?!**
**Jogabym - il üçin işler bitiren.**

**Zamana seretmän wagtyn geçiren,**
**Ykbal guşy depesinden uçuran,**
**Ile gatyşmany sergerdan bolar,**
**Elindäki bagyt guşuny gaçyran.**
**Gowgaly bazardan gaçan gutulmaz,**
**Ylaýta-da azaşyp ýolun ýitiren.**

**Bagtly boljak bolsañ zamana görä,**
**Sen hem yza galma goşulgyn sürä,**
**Süriniñ içinde daýaw bar ejiz,**
**Galmany sürüden ortadan ýore.**
**Şonda sen bagtly sen arkaýyn bolgun,**
**Sen bilen deñ bolmaz ümsüm oturan.**

**Ykbalyñ şaýady sen bilen ýoldaş,**
**el-aýak aşakda ýokarda hem baş,**
**aýagyñ haýyr diyp sag bilen sola,**
**götերseñ duşmanhem bolar garyndaş.**
**Onki süññüñ uly baýlyk bolýandyr,**
**Ýagşy oldur haýra ädim göteren.**

**Ýoldaşdyr her kime niýýeti, päli,**
**Karun dek boluban ýynasa maly,**

**Arman galar janda hyzmat etmäni,**
**Ötäýse dünýäden gör niçik haly.**
**Misgine garan hem tapylsa gerek,**
**Bardyr il haýryna ömür ötüren.**

**Kowalap bagt guşy ele getirseň,**
**Şol ýagdaýda halkyň işin bitirseň,**
**Wyjdan rahatlygna hezillik ýetmez,**
**Ýykylanyň elin tutup götherseň.**
**Wyjdany rahatdyr her dana kişiň,**
**Mert ol bolar iş bitirip gutaran.**

**Tejribäň bolmany ömür geçirseň,**
**Ykbal guşun bilmezlikden uçursaň,**
**Her näçe "Serhoş" hem bolaýsaň eger,**
**Öküner sen wagty elden gaçyrsaň.**
**Bürgüt bolup al howada gezmeli,**
**Şonda bolsaň gerek awun getiren.**

## NE PEÝDA

**Gerek zadyň tapylmasa özüňde,**
**Haýry ýokdur saňa ilden ne peýda.**
**Manysy bolmasa diýýän sözüňde,**
**On garyş hem bolsa dilden ne peýda.**

**Ser etseň dünýäniň göti-başyna,**
**Gymmaty ýok bir sagatlyk hoşuna,**

**Näçesi ynjydyp döwre-daşyna,**
**Biderek kal bilen kyldan ne peýda.**

**Özüňden öngüniň bolmasa eger,**
**Öz isiňi bermez her önen jiger,**
**Zurýatsyza ogul dünýäýe deger,**
**Zer bilen alynan guldan ne peýda.**

**Ýeňňesi dakylan ýigitler ýüzi**
**Açylmaz ümürden gyzdadyr gözi,**
**Soraşsaň özünden diýr bu sözi,**
**Gyz bolan ýerlerde duldan ne peýda.**

**Bagban bolmasa bir gülüstana,**
**Dogry gül bitäýmez şeýle bostana,**
**Saýramaz hiç bilbil şad-u mestana,**
**Her zag-u zagana gülden ne peýda.**

**Haýry ýetişmese garyba baýyň,**
**Hormaty köp bolar sahy gedaýyň,**
**Razylygny aljak bolsaň hudaýyň,**
**Sarp eýle "Serhoş" sen puldan ne peýda.**

## ÖÝ ÝYKAN DERSET

**Il içinde bir haramlyk döräpdir,**
**Bazardan alaýjak bolsaň bir zady;**
**Ýetişmese puluň gerek zadyňa,**
**Ozdurar gymmatyn dersetdir ady.**

**Wyjdandan daş düşen bir näçe ganhor,**
**Şerigata dogry edip işini,**
**Bir uzyn tesbini alyp eline,**
**Güler il syrtyna sypap rişini.**

**Aňryňa göz tikip baryňa ýetse,**
**Gülümsiräp çypar maşyn mündürer;**
**Dersed baryn çeker galan borjuňa,**
**Ýykar öýüň hypbat bilen öldürer.**

**Yslam hel aslynda bu işe garşy,**
**Döwlet hem ýigrener beýle ganhory,**
**Ýöne bolsa bular şagal ýol bilen,**
**Halkyň etegine dökerler gory.**

**Şerigata dogry getirmek üçin,**
**Il malynyň gurugyndan tutarlar.**
**"Aldyňmy sen?, berendirin!" söz bilen**
**şeýle hile edip halky utarlar.**

**Diýrler ynsaby __ diniň ýarysy,**
**Ýitip ynsap ýokdur wyjdandan nyşan.**
**Bu işi edeni barça halk biler,**
**Köpelipdir haram ýolda bil guşan.**

**"Özbek özüne bek!" diýipler ozal,**
**ýöne bolsa ile nesyhat gerek.**
**Ta ölýänçäň "Serhoş" sakla wyjdanyň**
**Iýme-de iýdirme sen haram çörek.**

# DUMAN AÝRYLMAZ

**Gök arassa diýip dem aljak bolsaň,**
**Ýer ýüzi bulaşyp duman aýrylmaz.**
**Birine kän berip, kem aljak bolsaň,**
**Ynamlar gaçypdyr güman aýrylmaz.**

**Adymyz ynsandyr gökmümiz rowan,**
**Ylym-bilim bilen aýa çykarlar.**
**Dünýä ösdügiçe bolýandyr juwan,**
**Ýöne bilmezlikden öýler ýykarlar.**

**Allanyň senasy dilde bolmasa,**
**Hiç bir iş ugrukmaz bilmek biläni.**
**Sahawat hem her bir ilde bolmasa,**
**Kowar gapysyndan çörek diläni.**

**Kim seni ýetirdi bu belent jaýa,**
**Perwaýsyz gezer sen ýada salmany.**
**Ýüzlenip aýdar men biynsap baýa,**
**wyjdanyňy göz öňüne almany.**

**Eliňde geläýse sowma gözüňden,**
**Garyby-gasary, gowumy-hyşy.**
**Puluňdan, malyňdan, süýji sözüňden,**
**Ýetirgil mätäje düşäýse işi.**

**Ynsan adyn dakaryn men sizlere,**

**Garyby öýerip jaý salyp berseň.**
**Gol gowşuryp bakaryn men sizlere,**
**"Serhoş" dek garyba paý alyp berseň.**

## GADYR-GYMMAT

**Bir näçe söz gadyr-gymmat adyna,**
**Aýratyn sahypa açmaly boldy.**
**Her kim pikir etse düşer ýadyna,**
**Üstünden ýol salyp geçmeli boldy.**
**Belli bir gymmat ýok azajyk deme,**
**Demgysma hassalar ýagşy bilýändir.**
**Lukmanlar pikr edip ýetmedi eme,**
**Bu hassalyk erbet isden gelýändir.**

**Saglygyň gadryny bilmeli ilki,**
**Baş ýasdyga ýetip hassa bolmakaň.**
**Belli bir gymmat ýok saglyga belki,**
**Sür dünýäni ýigitlikde solmakaň.**

**Ýigitligiň belli bahasy bolmaz,**
**Gojalyk çagyna ýetseň biler sen.**
**Näşeli işleri etmeýen solmaz,**
**Bu nygmaty "Myş"dan ötseň biler sen.**

**Ýagşy dostuň hyzmatyna ýetmeli,**
**Ýöne şerti gadyrdany tapylsa.**
**Toý meýdanda jylawyndan tutmaly,**
**Eger aty toý meýdanda çapylsa.**

**Eneň-ataň barlygynda kemsitme,**
**Öküner sen elden giden zamany.**
**Al göwüni barlygynda gamsytma,**
**Gadyry aýrydyr etme gümany.**

**Ynsanlaryň ömri bolýandyr çäkli,**
**Satyn alyp bolmaz geçen ýaşyňy.**
**Ynsanlar ýüregi erbet hem päkli,**
**Päk ýaşaýyp "Serhoş" dik tut başyňy.**

## GÜÝÇLI SEN

**Ýazaý diýsem waspyň örän güýçli sen,**
**Dünýäni lerzana salar sen galam.**
**Il ýatsa-da sen ýatmany işli sen,**
**Mazlumyň hakyny alar sen galam.**

**Sen bilen ýazyldy kanun düzgüni,**
**Dünýä seniň ýazanyňa garaşar.**
**Çylşyrymlar bolsa sensiň çözgüni,**
**Soltan, häkim, kazy diýsem ýaraşar.**

**Näme hökm etseň, hökmüň rowadyr,**
**Ýöne misginleri göze almaly.**
**Melhem bolar ýazanlaryň dowadyr,**
**Ynsany erkinlik ýola salmaly.**

**Sen alaja ýylan, güýçli gaplaň sen,**
**Goraýar sen, jeňňel, deňiz, düzleri.**
**Gähi ýagmyr, gähi topanly çaň sen,**
**Azana görkezgil dogry ýollary.**

**Ýadamar sen, dinç almany gezer sen,**
**Araçäk, serhediň baryny ýykyp.**
**Zalymlaryň ýürek-bagryn ezer sen,**
**Sözlärsiň, sözlär sen, belende çykyp.**

**Kitaplar düzdürip söýgüler hakda,**
**Aşyklary magşugyna ýetirdiň.**
**Sen uly sen, her hal, her ýagdaý çäkde,**
**Halkyň dilin saklap köp iş bitirdiň.**

**Aýat bardyr: "Nun-i wel-kalam" adynda,**
**Kasam bolsun diýip kuran ýazandyr.**
**Hormatyňy ýüreginde, ýadynda,**
**Saklap "Serhoş" saňa goşgy düzendir.**

## MERT ÝAŞA

**Mert bilen namarda galam aýlasak,**
**Eden işi il gözünde bellidir.**
**Her biriniň sypatyny saýlasak,**
**Kerdarynda, hem sözünde bellidir.**

**Merde iş bitirseň, aýdar hem gaýdar,**

**Gadyr bilmez, namart, bir iş bitirseň.**
**Ýol soraşsaň, mertler dogrusyn aýdar,**
**Soraşma namartdan ýoluň ýitirseň.**

**Mertler çöreklidir, saçagy ýaýyň,**
**Myhman gelse namart köňli gysylar,**
**Mertden her ýagdaýa ýetişer paýyň,**
**Namarda iş düşse örän peseler.**

**Mert uruşda ýoldaşyny taşlamaz,**
**Namart uruş bolsa gaça durýandyr,**
**Gaça duran, ozal uruş başlamaz,**
**Namartlar atyny terse sürýändir.**

**Erbet bolmak mert ýigide ýaraşmaz,**
**Namardyň erbetlik ilki käridir.**
**Mertler oňat ýolda ile garaşmaz,**
**Her kimiň niýeti-päli ýarydyr.**

**Ýalançyda, kim galypdyr ölmäni,**
**Az ýaşa mert ýaşa "Serhoş" geçer sen,**
**Il içinde adyň galsyn solmany,**
**Ahyrda aýralyk zährin içer sen.**

## DÄLI BILEN SAMSYK

**Däli bilen samsyk bir bolar diýmäň,**
**Samsygyň däliden parhy bolýandyr.**

**Şolaryň berenin içmäň hem iýmäň,**
**Saglygyň aýratyn nyrhy bolýandyr.**

**Samsyk däli görse, güler ýüzüne,**
**Däli hem samsyga güläýse gerek;**
**Gan üýşen zamany däliň gözüne,**
**Samsyk pahyr birden öläýse gerek.**

**Samsyk halky gorkak bolar baý tekin,**
**Has gahary gelse damagyn iýmez;**
**Däliniň ýüregi tor guş çaý tekin,**
**Inen wagty gorkmaz ot ýa suw diýmez.**

**Däliniň ülkesi giň bolar ýaýyň,**
**Süleýman tagtyny münüp gezýändir;**
**Häkimi men diýip ýyldyzyň, aýyň,**
**Soltan bolup halkyň işin çözýändir.**

**Tur-otur kerseni getir diýseler,**
**Ýaraşar samsyga geler elinden;**
**Birje gün "Serhoşy" soltan goýsalar,**
**Tutsa gerek misginleriň golundan.**

## JENNET DAŞLYGY

**Bar kişi özüni kem saýmaz ilden,**
**Deňeseň bir bolmaz boş bilen doly.**
**Kürek hem özüni kem saýmaz pilden,**

**Päk saýar özüni ogry hem loly.**

**Baş bolsa ýalançy-kezzaplar oba,**
**Talaň salar halkyň mülki-malyna;**
**Ogra oba bolmaz, ýalança toba,**
**Diýipler, seretmez misgin halyna.**

**Ýalançy taňrynyň duşmany bolsa,**
**Neçüýn ýalan sözlär obaň başlygy;**
**Jan berip rebbine gül ýüzi solsa,**
**Belli bolar onda jennet daşlygy.**

**Munda hem görüner halkyň gözi bar,**
**Bar eden işiňe baha bererler;**
**Amal şertdir, il amalda sözi bar,**
**Oňat, erbet bolsaň baryn görerler.**

**Dogry bolsaň rahatlykda ýaşar sen,**
**Indi ir zamandyr ösüpdir ylym;**
**"Serhoş" bolsaň dag-depeden aşar sen,**
**aýrylar kezzaplyk köpelse bilim.**

## ARMAN GALMASYN

**Ýaş ulalyp çyksaň awuň yşkyna,**
**Atar bolsaň ok wagtynda göçmeýär.**
**Höwes edip girseň ýaryň köşküne,**
**Dodak demi bilen otlar öçmeýär.**

**Yşk derýasy teriň ýüzmäge dem ýok,**
**Ýüzjek bolsaň ilki özüňe seret.**
**Bu derde gojalsaň derman ýok, em ýok,**
**Şara bişirmäge közüňe seret.**

**Şarany bişirip iýjek bolaýsaň,**
**Ilki başdan päki ýaly diş gerek.**
**Bişirip iýermen diýjek bolýasaň,**
**Çekeläp üzmäge ýene güýç gerek.**

**Goç ýigit bar eli ýetmez bir ýara,**
**Ýene baý garry bar iki üçüsin**
**Setirläpdir ýöne ýüregi para,**
**Bolsa-da höwr edip iňki kiçisin.**

**Köçä çyksaň bazar al-ýaşyl bolup,**
**Ýaşy çenden aşan gyzlar hem görner.**
**Gören ýigitleriň gül ýüzi solup,**
**Galyň tapman garyp her ýana urnar.**

**Goç ýigitler myradyna ýetişip,**
**Ýaş-juwan ýürekde arman galmasyn.**
**"Serhoş" hem toýlarda ile gatyşyp,**
**Bu gözel şatlygy görmän galmasyn.**

## KÜÝSENMEK BOLMAZ

**Gel göwnüm sen tokat bolup oturma,**
**Tokat bolmak ömre zyýany bardyr.**
**Bilmezlikden jana sütem ýetirme,**
**Gaýgy üçin Türkmen diýäni bardyr.**

**Gaýgynyň bitiren bir işi bolmaz,**
**Sapak al şatlygy ol sona, gazdan.**
**Gaýgydan daş duran hiç zaman solmaz,**
**Almaly sapaklar pasylda ýazdan.**

**Tokatlyk keselniň gytdyr dermany,**
**Ýekeje dermany aýdymdyr, sazdyr.**
**Gaýgysyz ýaşanyň ýokdur armany,**
**Häzirki ýagdaýda derman hem azdyr.**

**Örän az bolupdyr ömür paýymyz,**
**Göz açyp ýumýançaň gelip geçermiş.**
**Sanagly berlipdir gün, ýyl, aýymyz,**
**Gömür, çyra, gerek wagty öçermiş.**

**Sanagly çöp gutarýandyr san bilen,**
**Şeýle bir ýagdaýa buýsanmak bolmaz.**
**"Serhoş" ýaşa arassa, päk gan bilen,**
**"Myşlary"[1] ötürseň küýsenmek bolmaz.**

## JUWANLYK EÝÝAMYM

[1] Myşlary: ýagny altmyş, ýetmişe diýilýär.

**Juwanlyk eýýamym ýada düşende,**
**Hasrat ýüki agralardy janymda.**
**Indi bolsa gojalyga ýetişdim,**
**Unutmak keseli bardyr ganymda.**

**Her möwsümiň, her bir paslyň wagty bar,**
**Juwanlyk hem ýigitligiň ýazymyş.**
**Ýanyňda ýaşaýan hemdem ýoldaşyň,**
**Oňat bolsa Mejit Takäň sazymyş.**

**Düşümsiz ýoldaşlar köýdürer ömrüň,**
**Paýhasly bol diýer her dana ýoldaş,**
**Il haýryna ädim äden ýigitler,**
**Ýaşy ulaldykça bolar ile baş.**

**Iliň gözi terezidir işiňe,**
**Her ne etseň ilden alar sen paýyň.**
**Haram çörek degirmäni dişiňe,**
**Garyby gollasaň jennetdir jaýyň.**

**Gotur ite gulluk eden baranmyş,**
**Möminleriň arzuw eden ýerine.**
**Şek etmek ýaraşmaz rebbim ýaranmyş,**
**Amal ýoldaş bolup geler serine.**

**Geläýse eliňden ýetir haýryňy,**
**Sowma misginleri mydam gözüňden.**
**Ilki MYŞY "Serhoş" bolup geçirdiň,**
**Bal ary tek şähtler damsyn sözüňden.**

# ÖMÜR GYSGA

**Dünýä kerwensaraý giderler gelip,
Bu jahan hiç kime wepa bermedi.
Gitmän galan ýokdur ynsanlar bilip,
Ahmyrsyz geçeni bir kes görmedi.**

**Şagalaňly bazary bar her bapdan,
Bu bazara giren çyka bilmeýär.
Gün-günden güýçlenip düşäýmez tapdan,
Bökesi nebisdir ýyka bilmeýar.**

**Ömür gysga, bilmän galýar geçenin,
Ýetmiş, segsen ne tiz gelip geçermiş.
Ölüm zährin bilmän galýar içenin,
Ajal haýýat köpün donun biçermiş.**

**Munda çus eşegi beräýsim gelmez,
Onda mündüriljek byrag atyna.
Hakdan aýra elim seräýsim gelmez,
Pikir edip zeliliniň hatyna.**

**Dünýä süji sen bir balyň arysy,
Elwan güller çykyp daglar düzüne.
Dünýä serçe, sen iýmiti-darysy,**

**Jandar nebat birdir rebbiň gözüne.**

**Jandarlar içinde ynsan parhlydyr,**
**Sebäbi akyly, pähimi bardyr.**
**Ynsan bolmak bilen ol hem nyrhlydyr,**
**Çyn ynsan ýürekde rähimi bardyr.**

**Geliň adam bolup ynsan ýaşaýliň,**
**Garyplardan ýüzümizi sowmany.**
**"Serhoş" bolup synawlardan aşaýlyň,**
**mätäçleri gapymyzdan kowmany.**

## ÝETMIŞIŇ DAGY

**Eý agalar aýtsam ýetmiş dagyny,**
**Otdan ýakgyç, dagdan agyr zamandyr.**
**Hemdem ýaryň kesse ömür bagyny,**
**Buýruk bolup gören biler ýamandyr.**

**Adam pahyr ömür baky gülmezmiş,**
**Ýagşy günüň gadryn ilki bilmezmiş,**
**Ýetmişde hem ýary bolsa solmazmyş,**
**Ýar giden soň ýaşamagy gümandyr.**

**Ýeke galyp ýanan köpdür bu oda,**
**Aýal ölse öýlenmek hem bir kada,**
**Galmaň öýlenjek diýp biderek ada,**
**Bu ýaşdan soň ýaryşanlar çamandyr.**

**Nepsine haý diýip akyl-pikr edip,**
**"Buýrukdyr Alladan!" diýip şükr edip,**
**Oturan tapaýsa haky zikr edip,**
**Elliniň dagyna ýeten amandyr.**

**Ýan ýoldaşyň gojalykda gitmesin,**
**Öwrenşenje ýaryň gözden ýitmesin,**
**Aýralyga "Serhoş" gaşyn çitmesin,**
**Ýan ýoldaşyň gitse jahan dumandyr.**

## ENEMDIR

**Berdim gözel atamy, ýaşlygymda elimden,**
**Gamyş ganat bilbil dek, jyda düşdüm gülümden,**
**Alty ýaşda däde diyýp, aýrylmazdym dilimden,**
**Bildirmäni ýoklugny, meni saklan enemdir.**

**Ejem pahyr ýüň darap, dokma dokyp oturdy,**
**Özi aýal hem bolsa, erkek işin ederdi,**
**Bikär galman elmydam, bize çörek ýetirdi,**
**Hem atamyň ýerine, meni eklän enemdir.**

**Oglanlykda bilmezden, "Däde" diýip aglardym,**
**Garyp enem göwnüni ahlar urup daglardym,**
**"Geler atañ!" diýilen, söze göwnüm çaglardym,**
**tikin tikip, ig egirip, meni saklan enemdir.**

**Ýedi ýaşa ýetemde, mekdep-medersä berdi,**
**Harjymyzy tapmany, it tekin günler gördi,**
**Juwanlykda garyplyk, hem ýekeligiň derdi,**

**Dagdan agyr hem bolsa ýene saklan enemdir.**

**Tam ýerine gargydan, bir gat küme saldyryp,**
**Agaç tapman gyş güni, sygyr tezek ýandyryp,**
**Özi gizlin aglasa, meni mydam güldürip,**
**Gamyş ganat guşuna, ganat beklän enemdir.**

**Şükür kadyr Hudaýa, bir myrada ýetişdim,**
**Uly bolup bir öýe, il içine gatyşdym,**
**Garyplygyň urşunda mertlik bilen atyşdym,**
**Her ýagdaýa düşemde ýene eklän enemdir.**

**Altmyş üçe ýetişdim, peýgamberiň ýaşyna,**
**Enem-atam dek men hem, barsam Resul gaşyna,**
**Arzuwym bar zyýarat, etsem gara daşyna,**
**Ýumşak ýürek bolmaga, meni kaklan enemdir.**

**Bir bäş kelam hat ýazdym, garyp üçin ýädigär,**
**Ýetmiş iki ýaşynda ötdi atam doga zar,**
**Segsen dokuz ýaşynda, ýaşar enem maňa ýar,**
**Döwletim bar göz açyp "Serhoş" saklan enemdir.**
***Hakykaty men ýetim däl, ýöne ýetim bolup ýazdym.***

## GOJA DÜNÝÄ

**Goja dünýä haýbatyňa buýsanyp,**
**Kepeze dek ölümsyrap ýatmagyl.**
**Göreniň ýutjak bolup küýsenip,**
**Namart bazaryna merdi satmagyl.**

**Keserip durmaga kimiň erki bar,**
**Aždarha sen bar ýürekde gorky bar,**
**Bir näzli gelin sen gyjyrdap duran,**
**Görenler aýdarlar ajap görki bar.**

**Owadan mekan sen beren wagtyň az,**
**Bagyňda bilbiller diýseň hoş owaz,**
**Ýaňy saýrap duran wagty inderýäň,**
**Asman tor goşy ýa-da algyr, baz.**

**Gujagyň açykdyr myhman almaga,**
**Orak-çalgyň kesgir ömür çalmaga,**
**Ýalançyň hözirin görjekler köpdür,**
**Goýmaz sen artykmaç oýnap gülmäge.**

**Ynsan ilki çaga bolup oýnaýar,**
**Ýigit wagty bilmezlikden boýnaýar,**
**Kämillikden ötüp gojalsa ýaşy,**
**Aýralyk agt geldi diýip ýaýnaýar.**

**Sen hem "Serhoş" ýaýnaýanyň biri sen,**
**Ötenler dek ýer astynda çüýre sen,**
**Ýöne seniň ýazyp goýan eseriň,**
**Ölmän galar il içinde diri sen.**

## GAM BASYPDYR

**Gam basypdyr garyp köňlüm hanasyn,**
**Tapmadym bir ýagşy ýoldaş özüme.**
**Weýran etdi juwan janym lanasyn,**
**Tapmadym bir ýagşy syrdaş sözüme.**

**Uzatdym elimi dost diýip her ýan,**
**Etdiler ahyrda gözümi gerýan,**
**Bu zaman dostundan bolandyr berýan**
**Gara bagrym, ynan meniň sözüme.**

**Meýhanalar boldy gijeler öýüm,**
**Gam basan meýlerde elmydam küýüm,**
**Şatlyk eder, gamdyr meň toýum,**
**Meý hem em bolmady ýürek közüme.**

**Iýdirdim her kime dost diýip nanym,**
**Kesmäni, ýarmany, dökdüler ganym,**
**Janypdaş ýoldaşa bermäge janym,**
**Görünmez ýakynda meniň gözüme.**

**Gaýgy-pikir juwan tenim baryny,**
**Ýakyp ýüreginde kesel naryny,**
**Aljyrap bilmeýär eder kärini,**
**Ser edip bilersiz juwan ýüzüme.**

**Aşygam her halda kadyr hudaýa,**

**Bäş günlük myhmandyr her kim bu jaýa,**
**"Serhoş" hem bal diýip batypdyr laýa,**
**gamhanadan gaçmak ýagşy özüme.**

## ARYP AT BILEN

**Magtymguly ýene bu gün toýuňa,**
**Köpdür gelen Türkmen gaýra ilerden.**
**Seniň ýazan aryfana sözüňe,**
**Pähimi giň gerek kyndyr bilerden.**

**Köp nesihat etdiň süýji dil bilen,**
**Rähim merewweti başda sözlediň,**
**Yslam yşygyny ýakdyň il bilen,**
**Kuran okap hadys baryn gözlediň.**

**Tanalmaýan Türkmen dünýä tanaldy,**
**Elwan haly, Ahal-Ýomut at bilen,**
**Indi alymlaryň Türkmen balasy,**
**Ýoluňy tutýandyr donuňy geýip.**

**Zyýarat mekanyň düzeler tizden,**
**Hormatyňa ýädigärlik gurarlar,**
**Alymlar söz başlap şahyr hem yzdan,**
**Sen arypa gol gowşuryp durarlar.**

**Dikeltdim men öz paýyma suratyň,**
**At çapylan gök gyrtyçly meýdana,**
**Tagzym kylýars Türkmen bolup sizlere,**
**Kemçiligmiz geçiň eý aryp dana.**

**"Tagy Serhoş" sürme eder topragyň,**
**kütelse-de güýç-kuwaty, gözleri.**
**Ta ölýänçä saýa eder ýapragyň,**
**Magtymguly aryp bolar sözleri.**

## MÜBÄREK BOLSUN

**Söz oragyn oran ey aryp şahyr,**
**Dabaraly toýuň mübärek bolsun.**
**Eden hyzmatlaryň Türkmene zahyr,**
**Dabaraly toýuň mübärek bolsun.**

**Kuran okap yslam dinin hakladyň,**
**Köp ýerlerde Şah Merdany ýatladyň,**
**Ferdusy dek iliň dilin sakladyň,**
**Dabaraly toýuň mübärek bolsun.**

**Döreden eserleň ençeme zaman,**
**Galar asyrlarça zer dek bigüman,**
**Yrfany sözleriň deňizde umman,**
**Dabaraly toýuň mübärek bolsun.**

**Hünärli ýigitler gelip öýüňe,**
**Abraýly don biçendir boýuňa,**
**Alym, a:my ýygylypdyr toýuňa,**
**Dabaraly toýuň mübärek bolsun.**

**Diýseň gözel bejerildi mekanyň,**
**Ömri artyk bolsun zähmet çekeniň,**
**Kalbynda sen Ýomut, Gökleň, Tekäniň,**
**Dabaraly toýuň mübärek bolsun.**

**Ussat Magtymguly hormatyň artar,**
**Nesip bolsa Alla tanabyň dartar,**
**Pirim diýip "Serhoş" yzyňdan ýortar,**
**Dabaraly toýuň mübärek bolsun.**

## GAL AÝAGA

**Magtymguly gal aýaga gör ne bar,**
**Alym, a:my ýygylypdyr daşyňa,**
**Seniň muştaklaryň ýatlamak üçin,**
**Iki ýüz hem altmiş alty ýaşyňa.**

**Gelen köpdür Türkmenistan ilinden,**
**Möwç urar daşyňda şöhratly-şanly,**
**Alymlar bar önen türkmen bilinden,**
**Ýazyjy hem şahyr dünýäde sanly.**

**Eýran alymlary Türkmen hem parsy,**

**Uly okuw jaýda bilimler beren,**
**Sylag üçin gelip bu gün barysy,**
**Seniň goşgularňy okyýyp gören.**

**Sen alym hem aryp, ýaýyldy adyň,**
**Tutarlar pendiňi jan-u dil bilen,**
**Şirgazyda okan Kuran bunýadyň,**
**Ýaýrady yslama barça il bilen.**

**Ussat goşgyň dünýä dile düzüldi,**
**Muştaklaryň artar günbe-gün sany,**
**Adyň bolsa buýsanç jaýda ýazyldy,**
**Artar Pyragynyň şöhraty-şany.**

**Sag bolsunlar iki döwlet başlygy,**
**Guruldy mynasyp zyýarat mekan,**
**Aşyga parh etmez ýakyn daşlygy,**
**"Serhoş" hem aşygyň birisi eken.**

## KUWAT BERDIŇ

**Her kişä aradan çykdy diýp bolmaz,**
**Sebäbi päk tenler toprakda ölmez;**
**Arça dek elmydam ýaşyl öwüser,**
**Ylym ýapraklary hiç zaman solmaz.**

**Göwher saklamaga ökdedir toprak,**
**Durmuşa görk berer gök-ýaşyl ýaprak;**

**Ýöne her toprakda tapylmaz göwher,**
**Tapysa misdir ýa bürünç-mafrak.**

**Göherli mekanda alymlar bişer,**
**Dür saçar dünýäýe ýalkymy düşer;**
**Topragyň enesi eger suw diýsek,**
**Aryplar çeşmesi elmydam joşar.**

**Şirgazyda okap yrfan ýaragy,**
**Alandyr eline ussat Pyragy;**
**Ömür baky şöhle salar jahana,**
**Öçmez sönmez ýakyp giden çyragy.**

**Duýgulary güýçli Attar, Jamy dek,**
**Ýa Möwlana, Hafyz, yrfan bamy dek;**
**Baýezit Bastamy, Balhy deý bolup,**
**Köp zatlar görkezen Jemşit jamy dek.**

**Magtymguly adyň doldy illere,**
**Ferdusy dek kuwat berdiň dillere;**
**Bostanyňda gunçalaryň açyldy,**
**Bu gün "Serhoş" guwanýandyr güllere.**

## BEHIŞTIŇ AGAJY

**Bu gün bir begençli gün boldy bize,**
**Aktokaý obada, dag-depe, düze.**
**Ussat Magtymguly seniň muştaklaň,**

**Behiştiň agajyn dikerler size.**

**Gelejekde ýaşyl ýaprak baglary,**
**Saýa berer iliň baran çaglary;**
**Uzak ömür bersin zähmet çekene,**
**Gök-ýaşyla döner gurak daglary.**

**Ekiljekdir häzir zeýtun agajy,**
**Miwesi dermandyr bolsa-da ajy;**
**Bezelýändir saňa gözel tebigat,**
**Eý aryp, Türkmeniň başynyň täji.**

**Türkmen şahyrlary gelip gaşyňa,**
**Tagzym kylyp ýygylypdyr daşyňa;**
**Ýene ýetmiş günden tutarlar toýuň,**
**Iki ýüz hem altmyş sekiz ýaşyňa.**

**"Serhoş" hem şahyrlaň birisi bolup,**
**ediljek işlere begenip gülüp;**
**ýigitler gol çermäp gollugna ýetsin,**
**suw ýetmän galmasyn agaçlar solup.**

## GALKYNŞLYDYR

**Türkmen ýigitleri tutýandyr toýy,**
**Bezäp ak eşikli ak gamyş öýy;**
**Gamyş gulak, inçe billi at bilen,**
**Görk berer meýdana Türkmeniň soýy.**

**Atynyň boýnuna boýunsa dakyp,**
**Eýeriň gaşyna kümüsler kakyp,**
**Türme şaly gatanç diýip at bilen,**
**Alyp gaçar öňe yzyna bakyp.**

**Sürentgidir beýle çapgynyň ady,**
**Ýygnar toý meýdana ýakyny ýady;**
**Telpek selpilledip dony ga:lga:nda,**
**Hezil berer atyň şemaly-bady.**

**Çapylýandyr geňeş güni taýlary,**
**Heýran eder halky esbap-şaylary;**
**Goç ýigitler golun çermäp durýandyr,**
**Hyzmat eder şol gün garyp, baýlary.**

**Bir gün soňra uly çapgy gurular,**
**Gazy emi:n, näme diýse durular;**
**Päliwanlar çykyp göreş meýdana,**
**Ýykanlara baýrak halat beriler.**

**Türkmen toýy galkynşlydyr bizlere,**
**At çapgysy ýalkym salar düzlere,**
**"Serhoş" bolup her kim däbin saklasa,**
**gelejekde nusga bolar sizlere.**

## KÖP GÖÇEN

**Bu dünýäde köp kowan bar, köp gaçan,**
**Her bir zadyň ganymy bar ýanynda.**
**Giňdir jahan köp gonan bar, köp göçen,**
**Ýaşamaga ynam ýokdur janynda.**

**Şagal, tilki ganym bolup towuga,
Garry enäň ketegini boş eder;
Köwük, ýaban pişik galyp sowuga,
Gije ýatan guşa göwnun hoş eder.**

**Bürgüt, gajar al howany sökerler,
Uzakdan görýändir aljak awuny;
Tokgar, towşan bolsa ýerde bökerler,
Iýjek bolup çölde biten gawuny.**

**Ertir bilen köp haýwanlar aç bolar,
Towşan, tokgar bolsa şolaryň biri;
Gajarm bürgüde hem şolar paç bolar,
Dört aýakly ölüp iki aýak diri.**

**Sabyr kanahat bar möjekde, möýde,
Şatlyk eder bilbil çemenli bagda;
It wepaly bolar biliň her öýde,
Ybrat almaly biz her ýagdaý çagda.**

**Ýolbarsdan öwreniň gujur gaýraty,
Gorky atly ýüreginde kesel ýok;
Urşgurlyk bolar gaplaňyň zaty,
Bulara degişli aýra mesel ýok.**

**Garynça erjeldir ýükün çekmäge,
Uçar guşlar erkin dünýäni gezer;
Ökdedir jerenler çölde bökmäge,
Mesel bilen "Serhoş" goşgular düzer.**

***Magtymguly Pyragynyň ýerli umana agzalary bilmezlikden eýemsiräp goşgy okaljak bolsa gezek***

*almandyrsyň ýa wagt ýok diýmegi bilen uzak ýoldan zyýarata baran myhmanlary ynjydýarlar. Şoňa tankyt ýüzünde bir näçe setir ýazdym:*

## BOGMASYN

**Ilim-günüm bolmasa, aýym-günüm dogmasyn**
**Bir näçesi bilmezden giň ýollary bogmasyn.**
**Yşkdan eser bolmany biderek täsip edip,**
**Degişli diýp ýurduma hem kowmsyrap çogmasyn.**

**Alym-şahyr jahanda degişlidir bar ile,**
**Pyragy dek ylaýta tanalýandyr köp dile;**
**Borjy bolar ýerliniň sylag etmek myhmana,**
**Ýigitleri durmaly baglap guşagyn bile.**

**Ýygnanşykda şahyrlar goşgularny tabşyrar,**
**Orta çykyp näçesi wagt ýok diýip gabşyrar;**
**Görüm gömän käleri eder işin bilmäni,**
**Ylym bolman özüni mikrofona ýabşyrar.**

**Ýomut, Gökleň, Tekeler, doganlykda bir bolar,**
**Barjak jaýy her kimiň, ahyr-soňy ýer bolar;**
**Galman ýüze hak sözi "Serhoş" bolup sözleseň,**
**Eşiden hem bolaýsa, şonda serbe-ser bolar;**
**Hak işini bitiren ärler şonda ner bolar.**

*Şahyr we ýazyjy, merhum Nazmuhammet Pakga hödürlenýär:*

## GÖÇMELI BOLJAK

**Alymlar jem bolup oturşyk görýän,**
**Ýöne bir stulyň üsti boş welin.**
**Ýalançyň işine pikir edip durýan,**
**Stulyň eýesi bizden daş welin.**

**Aramyzdan çykdy gerçegiň biri,**
**Çyksa-da jan tenden sözleri diri;**
**Hormaty köp idi iliň içinde,**
**Sylardy elmydam ussady, piri.**

**Bu gerçek şahyr hem ýaş idi özi,**
**Ýazan rubagysy jana ornardy;**
**Bagryna basardy ýangyçly közi,**
**Gazet arkaly ili gurnardy.**

**Ýüregi açykdy, galamy güýçli,**
**Syrkawlap ýatsa-da elleri işli;**
**Borç bilip özüne Türkmen myrasy,**
**Köpüň biri idi kowumly, hyşly.**
**Bu öten ýigidiň juwan ýaşlygna,**
**Gynanmakdan ýürek-bagyr dilinýär;**
**Hiç ölçeg ýok aramyzyň daşlygna,**
**Daş hem bolsa eserleri bilinýär.**

**Bu ýoldan barymyz geçmeli boljak,**
**Kerwen gelip ýetse göçmeli boljak;**
**Ir-giji bar eger "Serhoş" hem bolsaň,**
**Ömür ýyldyz batyp öçmeli boljak.**

## USSAT NAZARLY

**Dünýä görki diýsek bahar-ýazlary,**
**Kölleriň gelşigi diýsek gazlary;**
**Ruha damak diýsek aýdym-sazlary,**
**Ruhlary şat eden ussat Nazarly.**

**Ussat Sahy, Magytmguly garlyny,**
**Ýat edip aýdardy zülpi tarlyny,**
**Toý bolsa deň tutup barsýz, barlyny,**
**Illeri şat eden ussat Nazarly.**

**Oýandyrjak bolup apbak ýaryny,**
**"Ýandyrdyň Bibi" diýp elde baryny**
**Goýardy saryýaň çekip zaryny,**
**Türkmeni şat eden ussat Nazarly.**

**Magtymguly Garlyň jan eý janyny,**
**Teşnit, Kerem geldi, köpler sanyny**
**Aýdyp gyzdyrardy iliň ganyny,**
**Illeri şat eden ussat Nazarly.**

**Serhoş ýigit atly sahyň owazyn,**
**Aýdan wagty dutar, gyjagyň sazyn,**
**Direlden ýalydy Çalmanyň özün,**
**Pirini şat eden ussat Nazarly.**

**Bu ýalançy her kime don biçendir,**
**Ussat-şägirt ölüm zährin içendir,**
**Ussat Sahy daglar diýip geçendir,**
**Ussadyn ýat eden ussat Nazarly.**

**Tomagaly, duş bolmasyn, gelinler**
**Diýip aýdan wagty ýürek dilenler,**
**Kän idi gulagyn gerip görenler,**
**Türkmeni şat eden ussat Nazarly.**

**Diýerdi dutarsyz bir gün gezmenem,**
**Dutar, gyjak, Türkmen ýoly bozmanam,**
**Bir aýdym aýdardy ady dözmenem,**
**Aýdanda şat eden ussat Nazarly.**

**Ötse-de dünýäden galandyr ady,**
**Abdylmennaf, Mansur köňlüniň şady,**
**Doktor Teke Mämet zurýady,**
**Şägirdin şat eden ussat Nazarly.**

**Gadyr bilen ýok hem diýsek tapylar,**
**Gadyr bilenlere açykdyr gapylar,**
**Är-ýigitler bu meýdanda çapylar,**
**Ärleri şat eden ussat Nazarly.**

**Lakamy Mähjüwbi, hujb-u haýaly,**
**Öýi Çaýgowşanda Tokaý gaýaly,**
**Sabyrlydyr ogul bäbek aýaly,**
**Balam diýp dat eden ussat Nazarly.**

**Ýadymdan çykmaýar bir aýdan sözi:**
**Ulaldarlar bagşy ýumulsa gözi,**
**Her kim sylagyny görsemiş özi,**
**Geljegin ýat eden ussat Nazarly.**

**Sag bolup ýaşasyn düşünýän, bilýän,**
**Hünär üçin ýürek bagryny dilýän,**
**Bu meýlisi görüp "Serhoş" hem bolýan,**
**Türkmeni şat eden ussat Nazarly.**

*Türkmenistanyň Gyzyletrek şährinde Kaka jan atly eziz dostumyň ilki ogly Myrat janyň öýlenmek toýuna 1381/9/25 şemsi ýylynda ýazan goşgym:*

## ÝAŞLAR BAGTLY BOLSUN

**Ýaşlar bagtly bolsun ilkije sözüm,**
**Dumly-duşdan gelen görýändir gözüm,**
**Sebäbi Kakajan ilki toýuň diýp,**
**Geldik Eýran ýurtdan doganym özüm.**

**Geliniň aýagy düşümli bolsun,**
**Bu içre yrsgal-bereket dolsun,**
**Gybatyň duşmany garaja saçly,**
**Eje-kaka diýen çagalar gülsün.**

**Köpmüş Kaka janyň ýary-ýarany,**
**Gülüp garşy alar toýa barany,**
**Iki ýurduň başlyklary sag bolsun,**

**Açyp goýdy gatnaşmaga arany.**

**Gyzyletrek şahyr, bagşy merkezi,**
**Bardyr ussat Magtymguly Gerkezi,**
**Etrek bolýunda ýaşady ussat,**
**Ýakyp ýylgyn agaçlary, çerkezi.**

**Nurberdi haypa zaryn aýdardy,**
**Bibi atly aýdym baryn aýdardy,**
**Öňki zaman telewizýon görjek diýp,**
**Kümmet halky Daşlyburna gaýdardy.**

**Halk bagşysy bolup geçendir daýym,**
**Belki jaýy jennet bolsun hudaýym,**
**Aşyk aýdyň pirden uly ussatdan,**
**Diýermiş ýetişdi gysmatym, paýym.**

**Indi bolsa dutar-gyjak sazlary,**
**Ýaňlanýandyr dik durmaly jazlary,**
**Gulak gutyn aýyrmaga diňledik,**
**Ukyplymyş bagşy eken özleri.**

**Türkmen bolup ýaşamak bir kadadyr,**
**Etrek boýunyň halky sadadyr,**
**Her näçe sada hem bolasa eger,**
**Ýene toý gelşigi gülgün badadyr.**

**Ýene bir gelşigi şorja balykdyr,**
**Balygyň ganymy tordur, sälikdir,**
**Esengulyň halky ýetirer balyk,**

**Dost bolup gatnaşsa dogan ýalakdyr.**

**Gülgün bada gelşik bolsa toýlara,**
**Süýji arzuw edip barça öýlere,**
**Toýa hormat goýup gene myhmanlar,**
**Rahatlyk bermeli dargan küýlere.**

**Gara ýer gaýaýmaz ak maýa çökmän,**
**Ýazy ýaz etmäge gerekdir hökman,**
**Bu sözleri ötenlermiz aýdypdyr,**
**Çopan hem şat bolmaz guzular bökmän.**

**Gara bulut göwsündäki garyny,**
**Toýa hormat goýup dökse baryny,**
**Akja gar ýagmaga durdy diýseler,**
**"Serhoş" bolup eýsek Etrek naryny.**

# ÝIGITLIKDE GOŞULAN SÖÝGÄ DEGIŞLI GOŞGULAR

## GÖZEL AŞYK BOLMUŞAM

**Eý eti-gany meýesser, boýy serwi dek gözel,**
**Meni görmän niçik ýeter, bilmen seniň kararyň.**
**Ýürekden istär men seni, bu eýýamlardan ozal,**
**Görmän meni niçik ýeter, bilmen seniň mydaryň,**
**Serwi kamat boýuňa men gözel aşyk bolmuşam.**

**Keman gaşyň çekme ýaýyn, geçer mužganyň oky,**

**Geler üstüňden mydama, gülleriň isi-koky,**
**Razyýam ger ýetse her kimsäge özüniň haky,**
**Hak aşyk men kabul etseň bolar men seniň ýaryň,**
**Mahy taban dek ýüzüňe, gözel aşyk bolmuşam.**

**Islegimdir birje sormak, alkymyňdan her zaman,**
**Minewwerdir tire gijäm, ýalkymyňdan bigüman,**
**Köp japa berme nigärim, besdir indi elaman,**
**Janyma otlar salar seň ol gara zülpi taryň,**
**Jan alan jellad gözüňe, maral aşyk bolmuşam.**

**Ynam ýokdur loly dünýä, nazar sal bu çagyňa,**
**Gel maralym goýma meni, hyjran otly dagyňa,**
**Armanym ýok birje girsem, ekme narly bagyňa,**
**Mundan beter ynjytmaýar, men seniň ahy-zaryň,**
**Toty güftarly sözüňe, maral aşyk bolmuşam.**
**Gana-gana gülgün şerap, içsem mermer eliňden,**
**Bal ezilen dodagyňdan, öpüp sorsam diliňden,**
**Bagbanyň bolup tirsem, biten gunça gülüňden,**
**Ýar ýolunda jandan geçen "Serhoş" seň hyrydaryň,**
**Keman gaşly gözüňe ýar, ozal aşyk bolmuşam.**
**Ta kyýamat özüňe jan, gözel aşyk bolmuşam.**

## DOKMAÇY MARAL

**Azaşyp ýolumdam bir öýe bardym,**
**Gözüm düşdi bir dokmaçy marala.**
**Jemalyny görgeç köpeldi derdim,**
**Ýürek süýşdi bir dokmaçy marala.**

**Boýdaşlary bilen saýradyp dili,**
**Çitende dokmany maşyn dek eli,**
**Basar haly-halça her tüýsli göli,**
**Gözüm düşdi bir dokmaçy marala.**

**Hünärli el bilen darak kakanda,**
**Gülüp gözi bilen mylgyp bakanda,**
**Däli göwnüm yşk oduna ýakanda,**
**Yşkym joşdy bir dokmaçy marala.**

**Gören gözelimiň goşa naryna,**
**Hiç bir zat ýetişmez zülpi taryna,**
**Ak ýüzi meňzeşdir dagyň garyna,**
**Gözüm düşdi bir dokmaçy marala.**
**Çöl ýerde hem owadan gyz bar eken,**
**Jahan giň hem bolsa bize dar eken,**
**Yşkly ýürek bir görmäge zar eken,**
**"Serhoş" goşdy bir dokmaçy marala.**

## GEL BÄRI

**Boý syrdamy ýetimli gyz gel bäri!**
**Sözi jana ötümli gyz gel bäri!**
**Islegim, sen bar gözeliň içinde,**
**Alma-nary bitimli gyz gel bäri!**

**Göz öňünde gara hally jemayň,**
**Aýrylmaýar el hünäriň, kemalyň,**

**Össün belki üstümizden şemaliň,**
**Yşky jana ötümli gyz gel bäri!**

**Bilmen neçüýn ogryn garap güler sen,**
**Ýürek bagrym pyrgatyňa diler sen,**
**Aýralyk ýamandyr oňat biler sen,**
**Oňat işi tutumly gyz gel bäri!**

**Bardyr sende her hünäriň rişdesi,**
**Söýdüm seni Türkmen bagyň keşdesi,**
**Goýsam başym gara saçyň puştasy,**
**Bir ýassykda ýatymly gyz gel bäri!**

**"Tagy Serhoş" aşyk saňa ey senem,**
**Gudalyga gelsin rugsat ber enem,**
**Yşk ussadym bolsaň şägirdiň menem,**
**Okyp baryn hatymly gyz gel bäri!**

## PERIZAT

**Orta boýly galam gaşly perizat,**
**Gel ikimiz zowky-sapa guraýly.**
**Bu garyp köňlümi eýleme naşat,**
**Başymyza her ne gelse göreýli.**

**Aşyklygyň ýüki agyrdyr dagdan,**
**Her kim aman öte bilmez bu çagdan,**
**Rugsat be tireýli almaly bagdan,**

**Alma naly bagda döwran süreýli.**

**Ýürekdäki dile geldi bu zaman,**
**Geçerin ýoluňda jandan bigüman,**
**Aýan bolar yşkym beräýseň aman,**
**Gül ýaňakdan pusa alyp bereýli.**

**Galam gaşyň meňzär kemanly ýaýa,**
**Güler ýüzüň ogşar gökdäki aýa,**
**Nowjuwan ömrümiz bolmasyn zaýa,**
**Gel maralym täze döwran süreýli.**

**Gurban bolar "Serhoş" sen tekin ýara,**
**Beýle bakyp etme ýüregim para,**
**Rähm edip derdime eýlegil çäre,**
**Gel ikimiz ýagşy döwran süreýli.**

## SONA GÖZEL

**Utanar men aýda bilmen sözümi,**
**Sen maňa rähm eýle jan sona gözel.**
**Seni görsem ýitirer men özümi,**
**Gel maňa rähm eýle jan sona gözel.**

**Telwasly ýüregme gözüň söz gatar,**
**Kirpikleriň oky janymdan öter,**
**Sen bolmasaň niçik aý-günüm batar,**
**Sen maňa rähm eýle jan sona gözel.**

**Gözelligiň bar nyşany sende bar,**
**Susnuňa goşgular ýazmak mende bar,**
**Diýsinler sen kimin jeren kanda bar,**
**Gel maňa rähm eýle jan sona gözel.**

**Käş bolsadym gara saçyň daragy,**
**Käş bolsadym sen maralyň geregi,**
**Söýdüm seni yşk derýanyň baragy,**
**Sen maňa rähm eýle jan sona gözel.**

**Islegim rakyplar saňa bakmasyn,**
**Men aşygy pyrkatyňa ýakmasyn,**
**Aýralyk göz ýaşym belki akmasyn,**
**Gel maňa rähm eýle jan sona gözel.**

**Pyrkatyň eýleýär göz göwnüm gerýan,**
**Aýrylman yzyňdan gitseň-de her ýan,**
**"Serhoşyň" ýüregi sen üçin berýan,**
**Sen maňa rähm eýle jan sona gözel.**

## GELMEZ MARAL

**Maral ýarym tawus tekin, aldy janym näzler edip,**
**Nagma okyp bilbil tekin, gyş göwnümi ýazlar edip,**
**Aşyk-magşuklyk ýolunda, hoş söhbetli sazlar edip,**
**Yntyzarda goýup meni, bilmen neçüýn gelmez maral.**

**Ýigitlikde däli serli, on sekiz, on dokuz ýaşym,**
**Arzuwymdy ýar ýolunda, pyda bolsa gara başym,**
**Alagapdyr bu zamanlar, rakyp meniň döwre-daşym,**
**Yntyzarda goýup meni, bilmen neçüýn gelmez maral.**

**Wagda berip belmen neçüýn, gorkar eje-dädesinden,**
**Köp zamanlar öter bu gün, maňa beren wagdasyndan,**
**Bilmenem ýa habary ýok, aşyklygyň kadasyndan,**
**Göz ýolda goýup meni, bilmen neçüýn gelmez maral.**

**Ýakdy "Serhoşy" maral gyz, bir ýaman yşkyň oduna,**
**Aşyklaryň piri ýetsin belki şolaryň dadyna,**
**Tamam edip bu goşgyny söwer ýarymyň adyna,**
**Yntyzarda goýup meni, bilmen neçüýn gelmez maral.**

## ARZUWYM

**Arzuwym bar bir görmäge, mahy-taban ýüzüňi,**
**Dilegimdir, eşidäýsem, şirin dilli sözüňi,**
**Telwas eder, yşk ýüregim, uçup barsam ýanyňa,**
**Kölde gezen gubagaza, ogşadar men özüňi,**
**Maral boýlym, nazar salgyl, bu biçäre halyma.**

**Eşitseň-de elmydama, meniň ähli dadymy,**
**Hiç parahym kylmaýaň sen, däli köňül şadymy,**
**Aýralykdan gül ýüzümi, solduryp gezsem mydam,**
**Gaýgy-gam astynda ölsem, kim tutar meň adymy,**
**Daş ýürekli, rähme gel sen, nazar salyp salyma.**

**Pykatyňa gije-gündiz, çekerem man zaryňy,**
**Gel ynjytma gara gözlim, mundan beter ýaryňy,**
**Gullugyňda golum çermäp, bolasym gelýär gülüm,**
**Bagbanyň bolup tirsem, biten alma-naryňy,**
**Seň ýoluňda, razyýam men, Talaň düşsün malyma.**

**Aşygam men bal ary dek, biten gunça gülüňe,**
**Islegimdir ýetişäýsem, gül şähitli balyňa,**
**Gunça gülden bal döretmek, arzuw eýlär ýüregim,**
**Bostanyňa uçup barsam, tiken çekme ýoluňa,**
**Yşk ýüregim perwaz eder, sütem kylma balyma.**

**Ýa Reb özüň towpyk berip, myradyma ýetirgil,**
**Dergahyňa ýalbararyn, bu dilegim bitirgil,**
**Aýralyga döze bilmen, ýüreklerden ägäh sen,**
**Ýar gaşynda ýaşamasam, bu dünýäden ötürgil,**
**Ryswa etme hudaým, jülme jahan äleme,**
**Ýa-da "Serhoşy" giriftar etme beýle zalyma.**

## GÖRMEDIM

**Çagyrdy dostumyň biri toýuna,**
**Ýygylypdyr gelin-gyzlar öýüne,**
**Dakynypdyr altyn boýdar boýuna,**
**Göz aýladym öz ýarymy görmedim.**

**Gäh hyýal eýledim nähoşdyr haly,**

**Gäh diýerdim geýmiş gyrmyzy şaly,**
**Gäh güman eýledim bolmuşam däli,**
**Şol meýlisde şahmarymy görmedim.**

**Gelipdir deň-duşy, ýary-ýarany,**
**Göz aýlap tapmadym gözel sarany,**
**Akdyrdym gözümden eşki-barany,**
**Şol toýda men dildarymy görmedim.**

**Bir görmäge etdim telwas ýüzüni,**
**Aýlandym tapmadym dagy, düzüni,**
**Meýleriň içinde gara gözüni,**
**Gözläp jamda hunharymy görmedim.**

**Ne ajap ýokarmyş gaýgyly çagy,**
**Bir käse meý berse ol halda saky,**
**Biderek yntyzar çekermiş "Tagy",**
**Ol meýlisde öz ýarymy görmedim.**

## JERENIM

**Tebigatyň täze açan gunçasy,**
**Aldy janym gara gözüň jerenim.**
**Şatlyk meýlislerde toýuň hunçasy,**
**Ýakdy bagrym şirin sözüň jerenim.**

**Gursak-döşüň ýele berip gezer sen,**
**Görenleriň ýürek bagryn ezer sen,**

**Bilmen niçik aýralyga düzer sen,**
**Aldy janym şähla ýüzüň jerenim.**

**Her zaman gözlämde, ogryn bakar sen,**
**Yşk oduna şirin janym ýakar sen,**
**Merjen baryn gözleriňden döker sen,**
**Ýakdy bagrym gara gözüň jerenim.**

**Dört örüm saçlaryň öter biliňden,**
**Sözleşeňde bal syzylar diliňden,**
**Görmedim sen tekin Türkmen ilinden,**
**Aldy janym şirin sözüň jerenim.**

**Gelşigi sen Türkmen sähraň ýazy sen,**
**köllermizň sonasy sen, gazy sen,**
**güleňde "Serhoşa" Türkmen sazy sen,**
**ýakdy meni humar gözüň jerenim.**

## IkI GÖZEL

**Köňül berdim iki gözel dildara,**
**Bilmenem men haýsa ýürek bereýin.**
**Juwanlykda ýolum düşdi gülzara,**
**Haýsysynyň gunçasyndan tireýin.**

**Birisiniň alma-nary ýetipdir,**
**Ol biriniň zülpi bilden ötüpdir,**
**Bu gülzara iki gunça bitipdir,**
**Men bilmenem haýsa elim sereýin.**

**Inçe billi ýaryň gözi garadyr,**
**Ol biriniň yşk ýüregi ýaradyr,**
**Meň ýanymda ikisi-de töredir,**
**Awaraýam haýsa köňül bereýin.**

**Birisi marala ogşar ýörände,**
**Ol biri käkilik tekin saýranda,**
**Başym çaşyp özüm galdym haýranda,**
**Bilmen haýsy bilen döwran süreýin.**

**"Serhoş" hurban bolsun bu iki ýara,**
**aýralyk derdinden ýüregim para,**
**henizem derdime tapmadym çäre,**
**garyp başa her ne gelse göreýin.**

## DILÄR MEN

**Kadyr Alla arzym bardyr şanyňa,**
**Ýalbaryp myradym senden dilär men.**
**Gaýyp sen gözlerden barsam ýanyňa,**
**Delmirip islegim senden dilär men.**

**Kalbymda salyndy yşkyň binasy,**
**Aýrylmaz dilimden ýaryň senasy,**
**Sen-sen Rebbim aşklaryň penasy,**
**Rähim sen, rahman sen, muny biler men.**

**Rähm edip gözümden akan ýaşyma,**
**Ýetirgil meni ol galam gaşyma,**
**Ýarym bilen her ne gelse başyma,**
**Ýar ýolunda ýürek-bagrym diler men.**

**Armanym ýok ýaryň goýnuna girsem,**
**Täze biten alma-naryny tirsem,**
**Mejnun dek ýolunda daglary syrsam,**
**Ýar bolan ýorduna gaýdyp geler men.**

**Her näçe ýetse-de ýaryň jepasy,**
**Dilegimdir ýene zowky-sapasy,**
**Kime bardyr bu dünýäniň wepasy,**
**"Tagy" diýer ýar bolmasa öler men.**

## SONA JAN

**Arzuwyňda ýürek bagrym ot bolýa-da Sona jan,**
**Her göremde garyp köňlüm şat bolýa-da Sona jan,**
**Hazan gelip bahar bizden, ýat bolýa-da Sona jan,**
**Aşyk-magşuk görgüligi, at bolýa-da Sona jan.**

**Halyçylar başlygy sen, bar gözeliň içinde,**
**Ilkinji sen tebigatda, gözellik don biçende,**
**Hasrat bilen garaýar men, ogryn bakyp geçeňde,**
**Ýürek-bagrym aýralykda, ot bolýa-da Sona jan.**

**Humar edip gara gözüň, çitme galam gaşyňy,**

**Bar gözeller ede bilmez, seniň eden işiňi,**
**Arzuwyma ýete bilmen, diýip, dökme ýaşyňy,**
**Aýralykda ýürek-bagrym, ot bolýa-da Sona jan.**

**Pygan okyp bilbil tekin, ter açylan gülüňe,**
**Gurban bolsam gül ýüzüňe, bal ezilen diliňe,**
**Öldürseň-de özüň öldür, berme duşman eline,**
**Arzuwyma ýetsem duşman, mat bolýa-da Sona jan.**

**"Serhoş" aşyk bolup geldi, gözleriňden amana,**
**Öter eýýam galmaz döwran, gitme nahak gümana,**
**Ýetdi nobat ikimize, hoşluk etmek zamana,**
**Bu gazallar bizler üçin ýat bolýa-da Sona jan.**

## LÄLE GYZ

**Nowruz güni ýyl dolanyp gelse ýaz,**
**Bilbil gunça güle eder yşwa-näz,**
**Okyr magşukyna hoşluk gazal-saz,**
**Şad-u hurram ömr ötürýär läle gyz.**
**Geldi ýene bahar pasly läle gyz.**
**Gül bitipdir gülüstana läle gyz.**

**Biz obanyň tokaýlary, baglary,**
**Doly bolýar läle gülden daglary,**
**Bahar aýy säher turan çaglary,**
**Çeşmelerden suw getirýär läle gyz.**
**Geldi ýene bahar pasly läle gyz.**
**Gül bitipdir gülüstana läle gyz.**

**Bezenýändir gök ýaşyla çölleri,**
**Doly bolýar guba gazdan kölleri,**
**Gelmedi diýp garar uzak ýollary,**
**Ýar ýolunda köp oturýar läle gyz.**
**Geldi ýene bahar pasly läle gyz.**
**Gül bitipdir gülüstana läle gyz.**

**"Tagy Serhoş" kyrk geçirip salyndan,**
**galam bilen sözletdirdi halyndan,**
**her ne ýazsam azdyr gara hayndan,**
**haly dokap iş bitirýär läle gyz.**
**Geldi ýene bahar pasly läle gyz.**
**Gül bitipdir gülüstana läle gyz.**

## JAN EJEW

**Eý agalar düşdi gözüm bir gülşeniň gülüne,**
**Bagbansyz bitipdir şol gunça Türkmen çölüne,**
**Soraşdym ol gülüň adyn, Ejew geldi diline,**
**Bir göremde yşk ýüregim boldy berýan jan Ejew.**
**Eý Ejew janym Ejew, ýandy bagrym jan Ejew.**

**Jan Ejew meňzär ýörişiň tawus guşuň näzine,**
**Gursak-döşüň ogşaýandyr kölüň guba gazyna,**
**Monjuklaryň sesi taýdyr nazarlynyň sazyna,**
**Pyrkatyňdan gara gözüm boldy giryan jan Ejew.**
**Eý Ejew janym Ejew, ýandy bagrym jan Ejew.**

**Ýalkymy bar ülkämizde, dogaýypdyr aý bolup,**
**Sahylykda berse bize goşa naryn baý bolup,**
**Dodagyndan pusa alsaň ýokar ol gök çaý bolup,**
**Ýar ýolunda ýürek bagrym boldy berýan jan Ejew.**
**Eý Ejew janym Ejew, ýandy bagrym jan Ejew.**

**Bende "Serhoş" Günbet ilden aýdýandyr zar bilen,**
**Sazyna heň berip çalsyn bagşylar dutar bilen,**
**Razy bolma gözel sonam ötmegime ha:r bilen,**
**Söbügiňden aýrylmaram gitseň her ýan jan Ejew.**
**Eý Ejew janym Ejew, ýandy bagrym jan Ejew.**

## YŞK ADYNA

**Tirsegme söýenip, pikire batyp,**
**Galam aldym yşk adyna söz gatyp,**
**Satar sen mertleri namart aýagna,**
**Ne gördüň Kenganly Ýüsübi satyp.**

**Akyl belasy sen dälilik başy,**
**Garry, juwan bary dadar bu aşy,**
**Güldürer sen gähler gaýgy salar sen,**
**Düşse ýoluň çeker ýüküň her kişi.**

**Sen Leýlini etdiň dünýä jenany,**
**Däli etdiň Mejnun tekin danany,**
**Ýaýratdyň däli diýp Mejnuniň adyn,**
**Weýran etdiň ýoluň düşen hanany.**

**Bal dodakly, galam gaşly sen etdiň,**
**Gaty ýürek, gara daşly sen etdiň,**
**Köp ýürekler senden ýaňa bolup gan,**
**Selbinýazy sünbül saçly sen etdiň.**

**Kitaplar ýazdyryp dessan düzdürdiň,**
**Köpleri agladyp gözün süzdürdiň,**
**Han Saýat yşkyna aşyk Hemrany,**
**Öý-ili tanytman seýran gezdirdiň.**

**Iki yşka duçar etdiň Tahyry,**
**Sözletdirdiň Molla Nepes şahyry,**
**Tatarda zöhräni eýleýip gerýan,**
**Şat etdiň Bagdatda gözel Mahymy.**

**Ýaýratdyň jahana Perhat adyny,**
**Ýakyp ýüreginde şirin oduny.**
**Ýetişen bolmady hak yşka eý dat,**
**Kim eşitdi gulak asyp dadyny.**

**Sen yşyk, indiki etdiň giriftar,**
**Biz bilen bolar tek etmegil reftar,**
**"Serhoş" hem galamyn alyp eline,**
**üstüňden ýol salyp eýledi guftar.**

## YBRAT ÜÇIN

**Gaýanyň astynda  çeşmäň başynda,**

**Düşdi gözüm keman gaşly geline.**
**Ýygylypdyr bir bölek gyz daşynda,**
**Alypdyr küýzäni mermer eline.**

**Monjugynyň sesi saz tekin ýokar,**
**Haraman ýöreýip ogrynça bakar,**
**Boýur-boýur gözleriňden ýaş döker,**
**Habar aldym bu söz geldi diline.**

**Ömrümden geçipdir on ýedi bahar,**
**Bu keç reftar pelek eýledi gahar,**
**Turup nalyş eýleýir men her säher,**
**Haýsy bilbil bakmaz biten gülüne.**

**Dokuza ýetmeýär ärimiň ýaşy,**
**Jübsündedir mydam aşygy, daşy,**
**Ýokdur çäräm derýa atmasam läşi,**
**Ýa çykmasam suwsuz ýeriň çölüne.**

**Ne günähim bardir ýakdylar meni,**
**Göwün telwas edip bakar men seni,**
**"Tagy Serhoş" görup şeýle bir zeni,**
**Ybrat üçin galam aldy eline.**

## DEHISTANYŇ IÇINDE

**Aýlanyp, dolanyp güzerim düşdi,**
**Läle biten gülüstaniň içinde.**

**Şaýlanyp bir gelin deňimden geçdi,**
**Gördi gözüm dehistanyň içinde.**

**Alma dek ýaňagy, sadap dek dişi,**
**Haraman näz edip maral ýörişi,**
**Takat getirmäge saýlaýar kişi,**
**Läle biten bir bossanyň içinde.**

**On alty ýaşly diýp açyldy dili,**
**Meýesser endamy inçeken bili,**
**Gynansak hem bildim Türkmendir ili,**
**Öýi barmyş dehistanyň içinde.**

**Habar aldym hemdem ýaryn özünden,**
**Bir ah urup gan ýaş dökdi gözünden,**
**Beýle aňdym dile gelen sözünden,**
**Otlar ýanar şu hassanyň içinde.**

**Altmyşdan ötüpdir äriniň ýaşy,**
**Agarypdyr saçy, sakgaly, gaşy,**
**Gaýgydan açylmaz "Serhoşyň" başy,**
**Ýalan ýokdur şu dessanyň içinde.**

# EDEBI ÝAZGYLAR

## NURÝAGDY AGA

Nurýagdy aga pyçagyny çalgym daşa çalyp, ýurt çalyp gelýän Gurbangylyç atly sakgaldaş dostunyň hormatyna, söwüş soýmak üçin gulagy täze çäklenen alaja dalgyr çebşiň üç aýagyny güýläp, damagyny çalyp, pyçak awusyna jydamany çäbelenip ýatan haýwanyň jany çykandan soňra ganyny ýuwup çalgy bilen çalan otunyň üstünde ýatyryp derisini ýüzmäge durdy. Janlyny ýüzüp bolandan soňra gyrakda goýdy-da süýji içegini iç ýag, bagyr, öýken, böwrek, dalak, ýelinini, kesip gaba saldy. Soňra çatylbyny geresläp, sagryň çüýçükliginden kiçijek aýpaltany salyp döşüne barýança iki bölüp, gol-butlaryny kesip, baryny kersen-çanaklara saldy-da pyçagyny ýuwup gynyna salyp, "bir çaýlyk bolanmyka diýýän" sözi bilen myhman bilen ak öýe girdiler. Nurýagdy aganyň gartaň aýaly Nurtäç eje bolsa, alaja keten saçagy törde düşäp gök çaý, turşy çüýçük, gök üzüm, peýwendi erik, turşy leýmun, künjüli kesmek, toşaply sary ýag, sargan ýaly goýy gaýmak, mele myssyk tamdyr çöregi ara getirip içi towuk tenden doldurylan ýassyklary tirseklenip, uzanmaga orta oklady. Iki dost süýji söhbetli içen çaýlarynyň demkeşleri boşanyny bilmändir. Ýöne Nurtäç ejäniň lakyrdap duran gara tüňçe we galdawlardan soňraky demläp ara getiren çaýyny içenlerinden soňra maňlaýlary çygjarmaga durdy. Şeýle bir wagtda hem goýunlar ýataga gelmegine görä, iki dost çaý dogasyny okap: "Goýunlara aralaşaýly!" diýip, öýden çykdylar. Görseler çolukoglan öri meýdanda bakan ýoz goýunlary getiripdir. Bir az salym geçenden soň, sagylýan goýunlar hem ýataga gelip, daşy çetiden gabalan tegene girdi. Sagynçy gelin-gyzlar Nurtäç eje bilen çoluk we çagalaryň tutup getiren goýularyny sagyp tegenden

çykardylar. Goýunlar sagylyp azaldygyça tutmagy kyn bolup gergenek bilen tutup sagylyp baýandan soňra güneýde bakylyp ýören guzulary depäň arkajyndan enelerine garşy emişdirmäge göýberdiler. Guzularyň çozup mäläp gaýdyşyny göreňde bir goşun ordasynyň duşmana garşy çozup talanan zadyny ele getiren soň ýitginiň yzynda gezişi ýaly guzular hem enesini tapjak bolup, bu goýundan ol goýuna sümsünip enesini emmäge durýar. Enesi bolsa guzyny ysgap öz guzusy bolmagyndan göwni jaý bolandan soň süýt damarlaryny gowşadyp süýdüni iýdirýär. Wagty hoş bolup duran Nuraýagdy aga bilen Gurbangylyç agany Nurtäç eje: "Bagyr öýkenli batyrma bişirdim. Geliň naharlanyň!" diýip, öýe çagyrmagy bilen, iki dost ýene bir gezek saçak başynda oturdylar. Çörekbatyr nahary iýip, doga okalandan soň, Nurýagdy aga Gurbangylyja ýüzlenip: "iýen damagymyzy siňdirmäge bir gök çaý bilen arаň barmy?" diýip soraşanda, dosty: "Menä Türkmeniň doýan ýeriňde doklugyňy sigdirme, diýen meseline görä, ýurt çalyp nesip bolsa gün batmaka, obamyza aşmaga ýola düşsem oňat bolarmyka diýýän, ýöne iýen zorly damagymyz çölde suwsatmazlyk üçin bir käse çaýa ýarty galam guruk ýag atyp çaý çorba edip berseňiz içip ýola düşeýin" diýip, çaý çorbany gyzgynlygy bilen başyna çekdi-de atyny eýerläp: "Hoş Alla Yaryňyz!" sözi bilen ýola düşdi. Nurýagdy aga myhmany ýola salyp gök çaýy içip otyrka aýalyna berýän gürrüňde: Gurbangylyja gitdi, ýöne hudaý bizi myhmansyz goýmaz, ýene bizi ýatlap gelen dost-ýar tapylar" diýip, düş almak üçin uzandy.

Döwletli maldar Nurýagdy aganyň myhman söýerligi "Mihmanyň yrsgaly özünden öň geler" diýlen meselini ýada salýar. Meniň pikrimçe Türkmen halkynyň bu ajaýyp myhman söýerlik däpleri her bir ilde tapylmagy kyn bolsa gerek.

# BAHAR

Bahar aýy diýseň görkli eken. Tebigatyň sungatyna pikir edip oturşyma höweslenip birdenkä ýüregim möwç urup çaý çöregimi içip-iýip bolamdan soň, al depel sekilje atymy eýerläp, münüp ýola düşdüm. Meniň maksadym Masan deresiniň boýunda eken däne ekeranlygymy ýakyndan seredip-de Ýazgeldi aganyň öýüne myhman bolmakdy. Şäherden indi saýlanyp çykan wagtym ilki gözüm düşen çopanlaryň biri ýedi bogun tüýdügüni, elkin goşuny ýükläp barýan ak aýgyr eşeginiň üstünde çalyp-da goýunlary bolsa täze urban guzulary bilen gök ýaşyl gyrtyç ýaz otuň üstünde oýnap böküp ýörenlerine gözüm düşdi-de tebigatyň hekmetine pikir ede-ede ugra berdim.

Bahar tebygaty biziň gara toprak meýdanlarymyza hem ajaýyp görküni saçan eken. Her ýere seretseň gök ýaşyl bolup, ýaz ýeline ygşyldap oturan arpa-bugdaý ekinleri görseň boljak. Dere-depe boýunda hem läle we her tüýsli reňkde açylan güller täze ösüp barýan juwan gelin-gyzlaryň boýnundan asan gyzyl, sary, mawy monjuklary ýaly, bahar tebigatyna aýratyn bir görk berip husnuny müňlerçe artyk edipdir. Meniň atym selkildäp ýol ýörise-de gün ortadan indi agan zamany ýazgeldi aganyň ýaz ýurtly goýun öýüne baryp duşdum.  Atymy öýüň gara ýeňsesinde gazyga baglap, iýim torbay çitme horjunyndan alyp öýle iýmini berdim-de Ýazgeldi agaň öýüne salam berip girdim. Ýazgeldi aganyň gartaň aýaly Gurabantäç eje bolsa: "we

äleýkümüssalam" diýip töre geçmek höziri etdi. Oturyp aman-saglyk soraşamdan soň: "Hany ýazgeldi aga görünmeýärä?!" diýemde, "Ýazgeldi aga-da çopanlaryň çaý-süýdüni berip goýunlaryny ürüzmäge ýaňja dereden indi. Meger bir az wagtdan gelse gerek" diýip, bir demkeş çaý bilen täze ojakdan çykaran gömme çöreginiň külüni kakyp bir okarany dolduryp sary owuz ýaly bolup gaýnan goýun süýdi bilen bir käse gaýmagy öňümde goýdy-da gaýnap duran gara gazany üç aýakly taganyň üstünden ýere düşürdi. Men hem bolsam bahar tebigatyndan özüme ýeten ilki sowgaty bilen maşgul bolup oturşyma Ýazgeldi aganyň işikden aşyp öýe gelenini bilmändirin. Ýöne onuň: "Bä meniň eziz şahyr dostum gelen ýaly" diýen sözüne ýerimden turup salam berip görüşdim. Ýazgeldi aganyň ýüzi-gözi hem läle gülüň açylşy ýaly diýseň nurany bolupdyr. Diýmek bilen, men Ýazgeldi agany gyşyň ortaky aýynda bazara azyk almaga gelen wagty görem-de onuň syratynda beýle ýagdaý duýmapdym. Ýöne tebigatyň bahar diýip iberen sowgatynyň biri çöl meýdanlara beren ajaýyp görki diýsek-de haýwan, ynsanlarda hem görmek boljaklygyna gözüm ýetdi.

Bahar, adyň baş depdere açyldy,
Bahar, jilwäň çöl meýdana saçyldy.
On iki aý bolan bir ýyl içinde,
Üç aýy bahar diýp adyň seçildi.

Bahar ýyl başy, sen jahanyň görki,
Berilendir saňa tebigat erki;
Bereketli ýagmyr ýagyp gyş aýy,
Gök ýaşyl güllerden donuň biçildi.

**Daýhanlar hem gelmegiňe garaşyp,**
**Gyş söweşli maldar indi ýaraşyp;**
**Aktokaýda Türkmen bary jem bolup,**
**Pyragynyň belli güni geçildi.**

**Gyş çagat gollarda oturan maldar,**
**Sen gelen soň köne ýurduny galdar;**
**Haýwan, ynsan seniň yşkyňa düşüp,**
**Gyrtyç biten gök baýyra göçüldi.**

**Her ne ýazsam azdyr waspyňdan bahar,**
**Ýagmyryň ýagdyrgyl gäh şam-u säher;**
**Ýamany guraklyk görenler aýdar,**
**Şol sebäpden gara gumdan gaçyldy.**

**Täze ýyl diýp nowruz baýram tutuldy,**
**Yigitleri öz ýaryna çatyldy;**
**Saz-söhbetli uly meýlisler gurap,**
**"Serhoş" bolup jam şeraplar içildi.**

# GURBAN AGA

Gurban aga ertir daň atyp atmaka, ukusyndan oýanyp: "Synja-täret kylaýyn" diýip, öýden daşary çykdy-da, gözüni daň ýyldyza garşy tikdi. Görse ýyldyz aýdan ýerine ýetmändir. Bir az ir oýanmagyna öz-özünden pikir edip" Alla! Şu ömrüme çenli belli wagtda oýandyrýan kökli-jaňly sagatym bolmasa-da hudaýyň birligine we peýgamberiň berhaklygyna iman getiren ýüregim ýaňyşmany mesjidiň sopusynyň Alla-u Ekber diýen sesine oýandyrýardy, meger bolsa öten agşam Baýram sakgaldaşym bilen Annadurdy aganyň ogul öýerip gelin alýan at çapgyly toýuna gimäge höweslenip ýatanyma görä tiz oýananmykam?!" diýip öz-özüne düňürdäp, gara depel mest atyna garşy ugrady. Ony timarlap bolandan soň, Baýarm aga bilen çaý-damak içip-iýip ugramagy maslahat bildiler. Şoňa görä-de älem-jahan ýagtylananda sakgal-murty tymarlap özlerini bezäp, toý gatanjyny atlarynyň öňüne salyp, Annadurdy aganyň obasyna garşy ugradylar. Gün orta ýetmäkä obaň gyrasyna ýetip obadaky toýa ýygnanan adamlara Annadurdy aganyň ýakyn dostlary gelenini bildirmäge tüpeňleriniň agzyny göge tutup atlaryny çapdyryp ok baryny saýmaga durdular. Annadurdy aga bolsa: "Bä meniň eziz dostlarym gelen eken" diýip, at tutmak hökmüni etdi. Gurban aga bilen Baýram aga bolsa toýy gutlap ak gamyşly, bili nagyşly ak öýe girdiler. Gurban aga bolsa Annadurdy aganyň aýaly Aýjemaly görüp öten zamanlary ýadyna düşüp toýuny gutlap degmelemäge durdy. Ol kyrk ýyl mundan ozal dogry on ýedi ýaşynda Aýjemala guzy gaýtaryp, goýun sagýan wagtynda aşyk bolup guzularyny tutuşýany we nesip bolmany bir-birine gowuşmany ýadyna düşüp köne derdi täzelendi. Gurban aga Aýjemalyň körpe oglunyň öýlendirmek toýuna begenýäni, ýa-da ata-enesiniň

**bilim azlygyna görä täsip edip, gul-ig diýlen sözi bile Aýjemaly alyp bermäni şeýle bir şadyýanlkda mundan hem ýakyn bolup bilmeýän hasratyn çekýänini oturanlara belli bolmasa-da Aýjemala günüň şöhlesi ýaly bellidi. Ylaýta Gurban aganyň Aýjemalyň ýerine düşen aýalyndan hem öngüni bolmany zurýatsyz geçmegine gam basyp otyrka ýaşuly we ýagşy ýigitler öýle namazy okyp: "Geňeş toýy başlamaga çapgy meýdana garşy ugraýly" diýip, maslahat etdiler. Gurban aga gyzyl donuny geýip, gara depel atyny Teke jul ala buýunsa kümüş şaý esbaby bilen bezäp bäş atar tüpeňiniň guşagyny boýundan geçirdi-de puhar telpegini selpildedip Baýram aga we Annadurdy dosty bilen atlanyp çapgy meýdana garşy ugradylar. Gurban aga bir semiz öküz toýuň göreşine gatanç berse-de bir top türme şaly Annadurdy aganyň öňden süýrentgi alyp gaçmak pikre düşüp gara depel mest atynyň buduna gamçylady. Gurban aga at münmäge her näçe çeper hem bolsa türme şal atyň aýagyna çolaşyp tasap, durar ýerde durmany bir uly jardan yrgyýanda, bagty şor Gurban aga kuwaty kemligine görä atyň üstünde otura bilmäni ýere ýykyldy-da tüpeňiň aýagyna sini ilip bir ok sesi geldi. Baryp görseler Gurban agaň gursagynyň üstünden gyzyl ganyň özi ahmyrly açyk giden gözüniň daşynda üýşüp hata bolupdyr. Gurban agany toýy ýasa dönen aýjemlyň öýüne getirip, Aýjemalyň özüne niýetläp goýan köpüni bilen donap obaň ýakynynda çapgy meýdanyň gyragyndaky depäň üstünde jaýladylar. Gurban aganyň öz öngüni bolmasa-da, Aýjemalyň islegine görä soňra dogan ogul agtyklarynyň birine Gurban aganyň adyny dakdylar. Indi bolsa şol ýigit şehitlije atly maldarlaryň ýaýlak ýurdy bolan çölünde oturýar.**

## AÝSA BIBI EJE

**Biziň ýakyn goňşulygymyzda oturan Aýşa bibi ejäniň hem ýaşaýyş ýagdaýna seredip ýalýşyndan ybrat almak erbet bolmasa gerek. Onuň ýaşynyň sany elli ýyldan ötmedigini bilmek boljak. Ol her gün ertir daň atyp atmaka ýerinden turup, mor depel tüwe sygrynyň süýdüni parahatlyk bilen sagjak bolup: "Höwlim-höwlim mor depeljäm!" diýe-diýe dälişge tüwesiniň söýnük bilen karar tapýan owazyny täze dogan çagalary hüwdülenşi ýaly hiňňillenip sagýar-da namazyny okamaga durýar. Ol namazyny okap bolandan soňra hem ýüz ýigrim dört müň ötüp geçen pygamberleri sanaýan ýaly bolup sopularyň barça ýatlaýan oňat kelanlaryny namazlygyň üstünden turmany zikir edip dogry bir ýyl mundan ozal goşun gullgyna giden gelinli-çagaly Abdylla atly ýeke oglunyň hakynda hem saglyk dogasyny okaýar. Ol soňuny saýgarmany: "Öz gözümiň açyklygynda Abdylla janyň toýuny tutmasam bolmaz" diýmegi bilen Derýaguly aganyň: "Haý aýal! Oglumyzy goşun gullugyny gutarmany öýlendirmek garbyş işdir" diýen nesihatly sözüne hem seretmäni bar ýogundan geçip gelin alanyny we indi hem geliniň buruljyp, her bir Abdyllanyň ady dile gelende gözlerinden buýur-buýur ýaş döküp**

**oturany ýadyna düşüp eden ýalňyş işine ökünip, aňrysyna ýetip bilmese-de, "Iş gaýgyny basar" diýip, Baýramtäç atly dokmaçy gelinini bikär goýmajak bolup onuň darap pişge eden ýüňlerini egirmek bilen harasat gününi agşama ýetirýär. Aýşa bibi eje Nowruz aýyň irigmäni ýagýan ýagyşly günlerinde öz öýünde karar tapmany, ertir damak çaýyny iýip-içip, Baýramtaç gelinine: "Derýaguly aganyň gün orta nahar tetärigini göreweri, men goňşym Ogulbäbek hajynyň öýüne oturmaga gitjek. Agşama çenli güýmensem gerek" diýip, tabşyrgysy bilen bir gujak pişgäni gapdaly çyzyk atan ykmaçly igini eline alyp: "Meniň garry kempir enemiň ýanynda oturmaga geldi" diýmek bilen, "Meniň Hydyr atly ortanjy doganym hem Abdylla bilen goşun gullugyna gidipdi. Şoňa görä ýürk-ýürekden suw içer diýlşi ýaly iki garrynyň sözleri köplenç Abdylla bilen Hydyryň üstünden aýrylmaýardy. Ýöne hydyryň goşun gullugyny gutarmany öýlenmezlik niýýeti bolmagyna görä, yzyndan gaýgy-gamy ýoklugy täze ýakynlykda enemiň adyna ýazyp iberen hatyndan belli bolýar. Dogrusy-da yigitleri goşun gullugyny gutarmany öýermek ýalňyş işleriň biri diýp Aýşa bibi ejäniň ýalňyşyny ybrat sapagy etsek, erbet güne düşmesek gerek.**

# OGULJAN GYZ

Biziň şährimizdäki orta mektepde okap ýören gyzlery ýakyndan görmegiň hem aýratyn höziri barmyş. Men ol täze açyljak gülüň gunçasyny ýaly bolup ylym bostanynyň içinde biten gülleri şol ýere örän ýakyn bolan dostumyň öýünden syn saldym. Gyzlaryň bir näçesi öýlerinde ata-enesiniň gaýgyly geplerinden pikir parahaty bolmazlygyna görä we ýa medresede ýaşaýan boýdaş gyzlaryň arasynda ýaz günleri isli-kokly gülli bostanlarda şatlyk edip saýraýan bilbil guşlar tekin öz deň-duşlary bilen top oýnap, böküp-towusyp ýörenlerini oňat bilýän. Şu gyzlary görer bolsaňyz olaryň gaýgy atly kesel bilen tanyşmazlyk niýetleri barlygyny örän bir az syn bilen aňlamak boljak bolar. Öz okuw bilimini artdyrmakdan daşgary-da tor egin-başlar örmek we nakgaşlyk edip çekýän suratlary we jaýlar, ýollaryň tersimi hem mekdephanada bilimli mugallym aýallaryň berýan sapaklaryndan ybaratdyr. Şu medersäniň alty klas okuwçy talyby bolsa-da her bir klasyň okuwçylary üçin bir hepdäniň otuz sagatlyk okaýan wagtyndan üç sagaty werziş atly oýnuna karar berilipdir. Şeýle bir sagatlarda gyzlar woleýbol, basketbol, gimnastik, ping-pong we ýortup ýaryşmak ugrunda ilkinji orunlyk makamyna ýetmek üçin edýän talaşlaryny bilmek boljak. Men birdenkä ýigrim dört ýyl mundan ozal, dogry bir müň üç ýüz ýigrim bäşinji şemsi ýylda täze medersä baramda aýal mugallymanyň gytlygyna görä, şol zamanyň gyzlary bilen bir jaýda bolup okanym ýadyma düşüp häzirki eýýamyň medrese mugallymlaryny gerňäp gördüm.

Indi bolsa ençeme okuw jaýlarda öz Türkmen gyzlarymyzdan mugallymçylyga ýetip, şeýle bir mukaddys ýerleri ylmynyň şöhlesinden ýagtylandyrmagyny we keselhanalarda hem köplerçe aýal doganlarymyz doktorlyk makamynda hassa bolup gelenlere sagaltmak ugrunda talaş etmeklerini görüp beýle bir okuw jaýyň uly makamyna oýlanyp durşuma Oguljan atly gyzy görüp tanadym. Men oguljany bir müň üç ýüz kyrk ýedinji ýylyň okuw synanşygy gutarandan soň orta mekdebiň üçünji klasynyň synanşygynda iki ýüz kyrk alty özi ýaly gyzlaryň içinde birinji orun makamyny eýelenmegini gazete ýazylanda görüpdim. Oguljan gyz boý syrdamy woleýbol, basketbol oýnamaga mynasyp bolsa-da top oýnap towsup ýören boýdaşlary bilen işi ýokdy. Ol bu dünýäniň yşratyny bilmeýän ýaly bolup öz ýitigini kitaplaryň arasynda ýazylan hatlaryň içinde gözleýärdi. Onuň ýitigi meger bolsa-da ylym diýsek garbyş gitmesek gerek. Diýmek bilen, Oguljan gyzyň atasy Ilmämet hem ata-enesiniň bilmezlikden köp okan kapyr bolar diýlen söze görä medreseden çykaranlary we öz deň-duşlary medreseden galmany bir maksada ýetişenleri ýadyna düşüp: "Indi bolsa gyzym Oguljan men saňa guwanýan" diýip oňa söýgi berýän sözleri bilen ylma ykjamly höwesleri ýüreginde joşdurmagyny öýlerine Gurban aýdyny gutlamaga baramda görüpdim. Men özüm şeýle bir ylym üçin talaş edýän Türkmen gyzlara guwanyp, olaryň adyna aýratyn dessanlardyr, goşgular ýazmaga höwesim köplügine görä sözümiň soňunda ylym adyna goşan goşgymy ýatlap geçmegimi ýersiz görmedim:

**Ylym, sen eder sen gözleri ýagty,**
**Ylym, sen açar sen alyma bagty;**
**Eneden dogandan göre girýänçäň,**
**Talaş et ylm üçin az däldir wagty.**

**Ylm, seň yzçylaň doýmaz isiňden,**
**Altynlar döreder kümüş, misiňden;**
**Bagban gülüne gulluk eden dek,**
**Suw beriň daýansyn ylmyň daragty.**

**Ylym, seniň miwäň süýjüdir datly,**
**Ylym, seniň çagaň şöhratly-atly;**
**Ösümli sen, ösdüň bilim ugrunda,**
**Uly bolup gurduň dünýäde tagty.**

**"Serhoş" bolar her kim ylyma uýsa,**
**ylymdan galmaňyz agýarlar goýsa;**
**ylym gämisine münüp biläýseň,**
**sen üçin getirer iň uly bagty.**

# MÄMETGURBAN AGA

Ýaz aýlary gaýra çöllerimizde ýaşaýan goýun maldarlary ýakyndan görmegiň hem aýratyn höziri barmyş. Şeýle bir günlerde garabasaga ýaly bolup gelip geçen garly-aýazly her bir ota-çöpe eliň degende kesim-kesim edýän sowuk howany başynda geçirip çakganlyk we daýawlygy bilen özi kynçylyga düşse-de goýun guzularyny horlamany ýaza ýetiren maldarlaryň biri hem Mämetgurban agadyr. Men Mämetgurban agany çoluk oglanlaryň bakyp getiren guzularynyň ýokumly saz tekin sesli owazyna guwanyp gök ýaşyl bolup gögeren gyrtyç oyuň üstünde sol eliniň tirsegine söýenip söýünip ýatan wagty duşuşyp salam berip görüşdim. Mämetgurban aga: "Wäleýkimis-salam" diýip, aman-esenlik soraşandan soňra: "Hany myhman ýigit, öýde oturşyk edeýli-de!" diýip, hormat etmegi bilen: "Kerim jan, myhmanyň atyny tutuň" diýip, öýüň gaýra ýeňsesinde gara depel kössekli atyň guşluk iýmini berip duran Kerim atly ogluny çagyrdy-da meni ak gamyşly täze durluk eşikli ak öýe saldy. Mämetgurban aganyň aýaly bolsa myhman sylagyna peşmek baryny ojagyna salyp otlap suuwdan doly gara tüňçäni gyragynda goýdy. Gara tüňçe bolsa lowlap ýanan peşmegiň oduna takat getirmäni lakyrdamaga durdy. Mämetgurban aganyň aýaly gyzyl ala demkeşlere çaý atyp demledi-de, ojakdan täze çykaran külli çöreginiň külüni kakyp süpürip, goýunyň täze mesge ýagy bilen öňümizde goýdy. Biziň ýaly şäherli ýurtlarda nebat ýagyny iýip

ýören adamlaryň agzyna mesge ýagy dogrudan hem ýokumly gelýänmiş. Ylaýta garpyz toşap, gök üzüm, peýwendi erik, turşy leýmun we dürli çüýçük nabatlar hem çaýa grek zatlary diýip, ýanynda goýulsa oňa ýeter datly tagam gytlygyna gözüm ýetişdi. Bu ýagşy nygmatlar gije-gündiz biziň gözümiziň öňünde görünse-de şaheriň harasat günli galmagaly bilen göze gelmeýänmiş. Mämetgurban agany süýji söhbetli içen gara çaýy gandyra bilmedigi ikinji demkeş ara gelmegi bilen belli boldy. Onuň maňlaýy soňraky içen çaýy bilen derlemek ugrunda çygjardy-da, goýunlar gün orta sagym wagty ýataga gelmegine görä: "Kerim, Mämetaman, Bibi jan! gidiň eneňize goýun sagyşmaga kömek ediň" diýip, oglanlaryna höküm etdi. Men Mämetgurban aga agadan: "Müdimi oturýan ýurduňyz şu ýermy?" diýip soraşamda, ol: "Gyş günleri ötümli sowuk ýeller ösende, sörtük gyt degýän çagatlarda-gollarda oturýarys" diýdi. Mämetgurban aganyň goýuna ykjamly höwesi barlygy munuň oňşuk düzgüni ýagşy hatarda bolsa hem gök ýaşyl ygşyldap oturan gyrtyçly baýyrlar we läle gülli çagatly golly depe-derelerden el üze bilmäni: "Şäheriň gowgaly söwdasyndan bizar men!" diýmeginden bilmek boljak. Onuň gözlerine şäheriň dürli iýmiş otlaryndan, daglarda güýz aýynda durna guşlar oturan ýerinden tapylýan domalanlar we baýyrlara çykan kömelekler we obaň ýakynyndaky depelerde gögerýän ýelmik, äjiwe otlar, dünýäniň barça hözirine berimsizdir. Mämetgurban aganyň pikriçe:

Tebygatyň görki baglydyr ýaza,
Durnalaryň sesi deger ýüz saza;

**Käkiligi güýz aýlary saýraşar,**
**Näz satar baraga, ördege, gaza.**

**Bularyň barysy tebigat görki,**
**Berilse gök ota ösäýmek erki;**
**Guzular gyrtyçdan doýup gelende,**
**Maldaryň ýüregne düşmeýär gorky.**

**Diýip, sözüny gutardy-da, meni öz pikrime ýalňyz goýdy.**

# HUDAÝGULY AGA

Hudaýguly aganyň dogry segsen iki ýaşy bolsa-da, onuň ýüzüni-gözüni görenler daýawlyk we çakganlyk babynda şu zamanyň ýaş ýigitlerinden busmajagyna gözi oňat ýetýändir. Ylaýta Hudaýguly agany Tähran ýaly şäheriň uly çapgy meýdanynda gören bolsaňyz, onuň daýawlygyna ynamyňyz artardy. Hudaýguly aga ýylda iki, kä zamanlar üç ata gulluk edip, olary güýz we ýaz aýlary iliň şatlyk üçin guran çapgy meýdanly toýlaryna taýýarlyk görýärdi. Ol atlarynyň alnyny baýraksyz etmejek boluk gije-gündiz ýadamany atyň mingisini ýetirmek üçin üstünden düşmeýärdi. Men Hudaýguly agany dor sakar aýaklary sekil Teke jully kümüş gaşly eýer çekilen atyň üstünde kümüş saply gamçysysyny oýnadyp barýarka görüp oňa: "At ozsun seýisleriň ussady" diýip salam berip görüşdim. Hudaýguly aga: "Wäleýkimis-salam" diýip, aman-saglyk soraşandan soň, meniň ata ykjanly höwesim barlygyny bilip, il içinde uly baýraklary eýelenen sekilje atly atynyň waspyndan sözlemäge durdy. Ol: "sekiljäni on bäş önüp-ösen oglanlarymdan kem görmeýän!" diýip, onuň çapgy meýdanynda ýortmak pikrine düşüp ara girende, ýanyndaky atlara göz edip: "Men at gazanan sekilje men!" diýýän ýaly bolup gulaklaryny keýkerdip, batlanyp, köneleriň ýaryşa gitjek bedew aty tekin diýenleri ýaly duran ýerinde karar tapmany depirjyp, çeýnenip duruşyndan taryp ediberdi. Hudaýguly aga birdenkä ýetmiş iki ýyl mundan ozal dogry on ýaşlygynda mes aýgyr eşekden ýykylyp aglap öýe gelende garry seýis daýysynyň: "hä! Hajyguly bolasyň barmy, Hajyguly bolsa ýyldyrym tekin bolup çapyp barýan atlaryň üstünde eýere ýabşyrlan ýaly bolup oturardy. Sen bir çaman eşegiň üstünde otura bilmeýäň!" diýip, gyjyt beren sözleri ýadyna düşüp we şoňa görä erjellik edip: "Men

**Hajygulydan hem artykmaç bolaryn!" diýip, ussat daýysynyň ýanynda at oglanlyk edip başlany we daýysynyň beren tälimleri ýadyna düşüp: "Haý-haý balam, bir näçesi men hem seýis diýip ne bir ýyldam atlary zaýalaýarlar. Hany Seýit Naragyzyň alja aty we ýa Ory şahyryň gara depel aty ýaly atlar barmy, olar garrasa maýrylmazdy" diýip, öňki öten ussat seýisleri magtamaga durdy: "Ýöne bolsa häzirki zamanda Sekilje, Gasyr, Muderresi, Çalaw, Heläki, Bozja ýaly atlar gowy ýortsa-da Sekilje bilen Muderresiden beýlesi maýrylyp meýdandan çykdy" diýip, sözüne dowam berdi. Hudaýguly aganyň agzy gürrüňe gyzyp birdenkä merhum bolan atçy ýylkyly Gökleň doşty Adna Sähet Han we Atabaý iline baş bolup Kümmet Gowsa kethudalyk eden Satanlak Sary we onuň egindeşi Anna Gasyr we Japarbaýdan Muhat Neçjarynyň Türkmen at çapgysyna eden hyzmatlaryny magtamaga durdy. Hudaýguly aganyň dertly ýüreginiň gürrüňi gutarmasa-da, günüň şöhlesi gutaryp, ikindi namaz wagty bolmagy belli boldy, sebäbi Hudaýguly aga bir eliniň aýasyny maňlaýyna goýup güne garşy seretdi-de: "Balam! namaz wagty bolupdyr. Menä metjide gitjek" diýip, hoşlaşmagy bilen meni öz pikrinde ýalňyz galdyrdy.**

**Hudaýguly aga bir müň üç ýüz kyrk ýedinji şemsi ýylda Tähran şäherinde aty çapyp barýarka, garpyp ýykylanda, bäş gapyrgasy döwülmegi sebäpli, ençeme günler keselhanada ýatyp, ýarasy togtamaga: "Ölsem-de atyň üstünde öleýin!" diýmek sözi bilen ata münüp, birinji baýragy eýelänini uly gazetler hem: "Biz bu garry ussada guwanýarys" diýip, suratyny ýabşyryp ýazanlary ýatlardan çykman at çapgy we seýisler taryhynda uly şaýatdyr diýip ýatlasym gelýär.**

## AT, ATYŇ EÝESI, SEÝISLER ADY

**Atyň, at çapanyň ady galsyn diýp,**
**Geregini höwesjeňler alsyn diýp;**
**Goşgy bilen at taryhyn ýatlaýyn,**
**Bizden bir balaja hyzmat bolsun diýp.**

**Eýran Türkmen seýisleri ýazar men,**
**Bu ugurda edebi söz düzer men;**
**Ýöne ilki ussatlary ýatlaýyp,**
**Boýnumdaky bar karzymy üzer men.**

**Rugsat bilen ilki garry ussady,**
**Hudaguly Ak diýp ussadyň ady;**
**Başlaýlyň soňuny göräsek bolar,**
**Heläki, Eltezer göwnüniň şady.**

**Garryja Ahuny, Esen sakgary,**
**Tutardy Turany gaçan Tokgary;**
**Arzuwy at bilen ömür sürmekdi,**
**Aýdardy at bolar ömür kök gory.**

**Bu ussadyň lakamy hem mürzedi,**
**Durşy bilen gaýrat idi urzady;**
**Gep tapmaga, her kime don biçmäge,**
**Ussat idi özi uly derzedi.**

**Ussat Ýazly çapdyrardy Kasyry,**
**Ýeňip gitdi ussatlykda asyry,**
**Bererdi elmydam süýji gatlama,**

**Seýislikde ýokdy kemi-kesiri.**

**Geldi bilen Orazguly Sedakat,**
**Ellerinde bardy mydam ýüwrük at,**
**At gorduryp daramdan soň meýdanda,**
**Bürärdi keçäni alty, ýedi gat.**

**Aköýli Sedakat Geldiň zurýady,**
**Seýis boldy diýip çykandyr ady;**
**Myhman bolup barsaň ýaşan ýerine,**
**Döker saçagyna düregeý zady.**

**Kahrymanlyk çapgysynda gördüdiler,**
**Izedi-ge žiýan maşin berdiler;**
**Geldi Sedakatdy onuň seýisi,**
**Ýüwrük gyra syn salyban durdular.**

**Orazmät Orakçy atlanyp geçip,**
**Ömrüniň çyrasy ir zaman öçüp;**
**At oglany Allamberdi Tatarmyş,**
**Çapdyrjak atyny alarmyş seçip.**

**Şämir seýis, Pyhy Tumaç ussatmyş,**
**On aýlaw hem maýrylmaga köp zatmyş;**
**Maýrylyp geläse çapgydan soňra,**
**Ony bejermek hem uly şöhratmyş.**

**Gara At çapardy Ärjik hajy hem,**
**Allam baý adynda Merjen bajy hem;**
**Jemal heleý ady çykdy at bilen,**
**Galar, çykar, bardyr süýjy-ajy hem.**

**Tatarguly hajyň Gara Jereni,**
**Haýran ederdi ol synlap göreni;**
**Anna Şamyr çapdy batlanyp mydam,**
**On ata degerdi derläp durany.**

**Dini Hajy çapdy Kuhy Nur atly,**
**Bolardy meýdana çykanda batly;**
**Garaja weli hem çapdy Morsaly,**
**Ödekguly münüp perýatly-datly.**

**Mämet Japarbaýyň aman sarysy;**
**At hem bolsa ýaby syrat ýa:rysy;**
**Näçe toýda ula Çapan zamany,**
**Ýanyndaky atlar galdy barysy.**

**Ärmi seýis çapdy alja ýasany,**
**Ýüwrükligni etmez haşany;**
**Çaýyrçyda çapyp birinji bolup,**
**Begendirdi Hanym doktor Aýşany.**
**Hekimguly çapdy märekä bakyp,**
**Baýrakda bar idi hotazyn dakyp;**
**Gy:r Küle Abyly Gammy çapardy,**
**Neçjary gelerdi begenip böküp.**

**Ataberdi Ýomut Nurgylyç Ýolma,
Nepes Ak Börüge diýerdi solma;
Hallyberdi müştegi hem Gurbanmät,
Çapanda diýerdi biderek gülme.**

**Aman Teke çapdy bir näçe bozy,
Güldürip gyrardy Şammynyň söz;
Aýmämet Hajy hem Gekdi Molla-da,
Çapardy Hojanyň şolarda gözi.**

**Her kim dil uzatsa Hoja dädeme,
Men özüm garşy men beýle adama;
Dil uzadyp bolmaz gaharjaňlara,
Ajy diýmek bolmaz her bir badama.**

**"Ata kesbi ogla..." diýilşi ýaly,
Boljak oglan belli bolýandyr haly;
Erejep Gylyç Hoja dädäň ogly hem,
Seýisdir kyrk bäşe ýetişdi saly.**

**Gurbanguly seýis Gökleň Paşaýly,
Turajy çapardy diýseň haý-haýly;
Şanazar Han çapdyrandyr keýwany,
Ýüwrükdi meýdanda baýrakly-paýly.**

**Ata Pakga Müşgül, Jorjany Lek-lek,
Çapanda köp zaman bolardylar ýek;
Dazlardan çykan at ýüwrük bolardy,
Edip bolmaz ýyldamlygna güman-şek.**

**Däli Molla seýis bolup ötendir,**
**Soňra ogly Yrahman hem ýetendir,**
**Küle atly atly bilen meýdanda,**
**Tozany tozana dişeň gatandyr.**

**Sähet däli ötdi telpegin goýup,**
**Saltanmät gyzylja dünýäden doýup;**
**Pürjan Hanyň Mahy Şapesndini,**
**Mejit Hoja çapdy syndyrman öwüp.**

**Hajy Magtym Myrat Çille Gyzylja,**
**Çapdyrdy bir dory çakan gözlüje;**
**Mäsil seýis Sarly Magtym obadan,**
**Ussatlyk edendir şirin sözlüje.**

**Golden Reý eýesi Myrat çylledyr,**
**Ganýokmaz gözüne mysly hulledir;**
**Sabra gahrymany Kaka Şyh çapyp,**
**Diýerdi ýortanda göýä gülledir.**

**Esenmyart Gulak özi bir Toýdy,**
**Ötse-de dünýäden Taganlar goýdy;**
**Berdi tagan, baýram tagan ýene bar,**
**At berenler köplenç ellerin çoýdy.**

**Annaberdi Benderşa hem Tahyry,**
**Çapdy äwçy Partynşap dek gahyry;**
**Dogry seýis hile bolmaz işinde,**
**Açyk ýürek birdir batyn-zahyry.**

**Adna Sähet hanyň Hekim köregi,**
**Müçesi owadan ýogyn gurugy;**
**Halatguly Paýdar zähmet çekerdi,**
**Baýrakdan galmazdy Ahu gyrygy.**

**Paşa Haji Baýram berdiň dädesi,**
**Türkana seýismiş adam sadasy;**
**Al küle adynda ýaby çapypdyr,**
**Toýhanamyş atlar bilen wadasy.**

**Baýramberdi Gurçaý kaka Sarly hem,**
**Gorpuljada bardyr seýis garly hem,**
**Seýisdir, ussatdyr atlara tebip,**
**Bejerdi maýrygy barsyz barly hem.**

**Baýramberdiň daşy küzä atyldy,**
**Täzelikde teni guma gatyldy;**
**Haýyp garyp bolup geçdi dünýäden,**
**Geçen güýzde barmaklary çatyldy.**

**Maşat ýylgaý Käbe ogly hem geçdi,**
**Nurjan Sopynyň hem çyrasy öçdi;**
**Ajap haýýat eken bu ajal saýýat,**
**Baýram Çonagyň hem köpünin biçdi.**

**Oraz Keselha hem çapdy at baryn,**
**Çeker bu zamanlar aýralyk zaryn;**
**At çapýan seýisler bary bilýändir,**
**Berdi elden Baýram höwürdeş ýaryn.**

**Ir zamanlar baýtal çapmak geň eken,**
**Çapgyda at bilen baýtal deň eken;**
**Ilki Dagdan Keçel çapypdyr baýtal,**
**Toýhanada mydam dawa-jeň eken.**

**Çapdy Kaka hoja hekim çalawy,**
**Yslam hem çapardy onki(12) aýlawy;**
**Heläki, heläki bolup geçendir,**
**Erejep şeýtanyň bardy Gylawy.**

**Gammy Köçek ýedi sekiz at bilen,**
**Goşulşmazdy hiç bir zaman tat bilen;**
**At oglany Ärmi Kaka Sarlydy,**
**Aýlanardy Hayt Nebi, Çat bilen.**

**Haby Golak şorta sözleri bilen,**
**Jepbar kör hem kiçjik gözleri bilen;**
**On atar sarlyny Ataw çapardy,**
**Igdir Sarly güler ýüzleri bilen.**

**Gürgen Hajy çapdy Şaýlan enesin,**
**Seýit Niýaz ýylkysynyň sonasyn;**
**Ahu Ak, Gülbahar köplerçe aty,**
**Esenmämet çapdy bilmen senesin.**

**Şaýlan atly baýtal al däl-de sazdy,**
**Onuň tekin ýüwrük meýdanda azdy;**
**Şadurdy Hajynyň ömür soňunda,**
**Güýz gyşy ýetse-de elmydam ýazdy.**

**Mätin hajy höwür atlar saklady,**
**Güýç Jan Hoja öz hakyny haklady;**
**Aköýli Hajynyň ýüwrük Symabyn,**
**Kaka Hoja şöwür berip kaklady.**

**Durdy Köseliniň kalby tutuldy,**
**Salar ýek bolanda birden ýykyldy;**
**Ömrüniň çöp sany gutaran eken,**
**Gözleri baglanyp barmak çatyldy.**

**Kaka Emiýne hem çapdy Bozjany,**
**Şahyryň toýunda döküldi gany;**
**On iki aýlawda çapyp gen soň,**
**Çişip ýarylyban berendir jany.**

**Maşrygyň Jemile, Sähra, serdaryn,**
**Anjan Ownuk çapdy ýene-de baryn;**
**Hämit  Biçäräniň Çitasy bilen,**
**Esen Mämet aldy seýisden aryn.**

**Nazdurdy Üçmegi çapdy Apbas Murt,**
**Aňrysyn bilmeýän bolsa gerek kürt;**
**Diýermiş Edrise Darymdan soňra,**
**Başarsaň üstüne galyň keçe ört.**

**Döwlet Hajy atlar çapdy ýaş bolup,**
**Galmaz idi hiç bir toýdan daş görüp;**
**Kethudalyk işler ederdi mydam,**
**At ugrunda Akgalala: baş bolup.**

**Indi bolsa segsen bäşe ýetendir,**
**Ýetmese-de segsendenä ötendir;**
**Häzirki ýagdaýda ýaşuly bolup,**
**Sözi gaýtman islegleri bitendir.**

**Gynanç bilen döwlet däde hem ötdi,**
**Diýýip Akgaladan habary ýetdi;**
**Segsen iki ýaşa ýetip ötenmiş,**
**Aýat-patasyna şahyr hem gitdi.**

**Kömek Japarbaýyň dor ala gözi,**
**Sary gulak seýis ýörärdi sözi;**
**Kerim Işan Gapan at oglanydy.**
**Gahryman bolandyr Tähranda özi.**

**Hajy Geldi Ahun älem-jahany,**
**Molla Gumman çapdyrandyr mahany;**
**Abdyrahman Kelte elmydam aýdar,**
**Şarys Naza goýup bolmaz bahany.**

**Benderde oturyp seýisdir irden,**
**Pata alandyr ol ussatdan-pirden;**
**Gerdbad, Tundbaddan önen kürreler,**
**Meýdanda paýyny alandyr şirden.**

**Çapdyrandyr Arça Hajy Jereni,**
**Haýran ederdi ol synlap göreni;**
**Kaka hoja çapyp baýrakda bardy,**
**Haýyp az bolandyr ömür süreni.**

**Doktor Jahanynyň Margir, Kümmedi,**

**Ahundy hem bardy köpdi gymmaty;**
**Gahryman bolandyr bir näçe toýda,**
**Sebäp boldy Esenmädiň hümmeti.**

**Garawul Täjini çapandyr köçek,**
**Gelerdi Gökleňden gatlama saçak;**
**Ykbal guşuň göge uçmaly ilki,**
**Aty garylasa bererdi paçak.**

**Kaka salyhpur hem çapdy säheri,**
**Kelte boý hem bolsa gemän gahary;**
**At oglan seýismiş ýary-hemdemi,**
**Iýermiş seýisler bilen nahary.**

**Yrahman Alba hem şiriň beçesin,**
**Dürli nagşa salan akja keçesin;**
**Tabşyrdy ol esen mämet seýise,**
**Dohu:n çapyp agladandyr näçesin.**

**Geçdi Käbe işan kürre darydyp,**
**Minip barýan öz atyna ýanadyp;**
**Mürze Hywaçy hem Gapur atyny,**
**Çapdy meýdanlarda ýokdan bar edip.**

**Aman Hywaçynyň Jallyk adyna,**
**Kaka Hoja çapdy, köpüň ýadynda;**
**Göçüreni çapdy Gammy Köçek hem**
**At bolardy iliň köňül şadynda.**

**Mejit Gara seýis şortadyr, ýazdyr,**
**Orazguly han dek ýoldaşçy azdyr;**

**Aty çykyp baýrak alan zamany,**
**Ol gije çadyry aýdymdyr, sazdyr.**

**Ahmat gereý lalja seýsiň gözüdir,**
**Är kişiniň ygtybary sözüdir;**
**Ýöne şol zat bir näçede gyt eken,**
**Ýene dogry Orazgulyň özüdir.**

**Abdy Hoja çapdy Danýal dory,**
**Pyhym Tewesseliň Nahyt dek gory,**
**Ot saldy meýdana çapan zamany,**
**Bakymy ýetip-de bar idi zory.**

**Dogurdy Çekawek atly näzenin,**
**Tarypyn ýazmak hem örän maňa kyn,**
**Tagy demirçini ýetirdi arşa,**
**Ýüwrükdi, taýsyzdy, gerek däldi syn.**

**Seýsi gulmämet, köçekdir asly,**
**Gaýgyrman çapandyr bahar, güýz pasly;**
**Çekawekiň hanazady Gökleňde,**
**Täçmämet hojaýa urýandyr nesli.**

**Näzenin dogurdy soňra Tyllany,**
**Mişika adynda ýüwrük belany;**
**Çapandyr bulary onki seýisi,**
**Eýelerne edip geňeş-salany.**

**Çopan Baý, Gül Pany, Gülsary Baýy,**
**Beg Han hem heläki atlaryň aýy;**
**Çogarlardan Akyn Hajyň ýüwrügi,**

**Benewşe çapanda tapylmaz taýy.**

**Benewşeden, Gül Benewşe döredi,**
**Gülendam, Gülnamlar soňra güredi;**
**Hydyrberdi Akyn Gök bolup,**
**At çapyp meýdanda hekyn sorady.**

**Gylyçdurdy  Çogarlara baş bolup,**
**Kethuda adyny aldy ýaş bolup;**
**Hajy Ferejiniň peşgeş atyny,**
**Çapanda çykandyr aradaş bolup.**

**Ýene Hydyrberdu Žinus Tahyry,**
**Berdi Kaka Hoja seýsiň mahyry;**
**Mejit Hoja Pežwäk Jahandidäni,**
**Çapyp Pežwäk galkyndyrdy şahyry.**

**Pežwäk, Jahandi:de dokuz at bolup,**
**Gül Benewşe gitdi näçe tat bolup;**
**Bazar Hajy, Molla Gumman biýnai,**
**Tährandan gaýtdylar alty gat bolup.**

**Sebäbi Pežwäki birinji boldy,**
**Şonda gördüm Wekil ireňki soldy;**
**Baýrakdan daşgary berildi ýahçal,**
**Mejit Hoja seýis ýylgyryp güldi.**

**Ýöne Wekil ireňki hem solsa-da,**
**Ikinji boldy diýp duşman gülse-de,**
**Jahandi:de ýüwrük gaýratly baýtal,**
**Ady ýatdan çykmaz her wagt ölse-de.**

**Ödekguly Hoja, Bähmenşir bilen,**
**At gazandy şöwür berip ir bilen;**
**ýyldamdy Alla diýip ugrandan soňra,**
**ýetdirmezdi tüpeň atsaň tir bilen.**

**Aly Hojamly hem Daýana, Düwdi,**
**Watsikreti gören atçylar öwdi,**
**Salary meýdana çykanda görseň,**
**Degerdi on ata sagrysy-budy.**

**Köçekden çapandyr gyr dory gäri,**
**Ýylkysyndam güräp gelýändir bary,**
**Hajy Molla Sapaýydyr eýesi,**
**Köpdür at ugrunda namysy ary.**

**Sämira adynda bir tozan turdy,**
**Toýly Gurbany hem döwranlar sürdi;**
**Söýün Garrawynyň yhlasy bilen,**
**Fereýdun ýetdirmez dereje gördi.**

**Sämira ýüwrükden dogdy gahryman,**
**Kübra tekin ýüwrük görmedi zaman,**
**Kaka Nyýazynyň täsibi bardyr,**
**Aljak diýip gelene bermedi aman.**

**Şaperegi Babagylyç Hurmaly,**
**Çapdyranda hökman meýlis gurmaly;**
**Diýerdi dostlary benderden gelip,**
**Aly Hajy näme diýse durmaly.**

**Aly hajy çapdy Aşyradany,**
**Kerim hajy üýşürerdi ýadany;**
**Gara Kürdi Hajy köp at çapdyrdy,**
**Aýdardy saklaňyz kanun-kadany.**

**Ýüwrük idi Kerim Hajyň perwizi,**
**Meýdanda bar idi ýaz bilen güýzi;**
**Aňyrda çörekli, içersi doly,**
**Myhman gullugynda oguly-gyzy.**

**Kerimiň agasy Abdy Jan Hajy,**
**Oglunyň başynda pygamber täji;**
**Ýylkysyndan ýüwrük atlar çykardy,**
**Meýdana girende bermezdi pajy.**

**Gülnar Mylad bolup toýda çapyldy,**
**Tundrow, Sagadatlar şonda tapyldy;**
**Sarly Kaka: berdi ol Gafur Hajy,**
**Durdy Nasyň Şir sakgary dopuldy.**

**Yrhy Gadymynyň Bährramy sazy,**
**Aky Çaryklynyň Küllüje ýazy,**
**Ata Hajy Arryhynyň atlary,**
**Parh etmez çapanda köplügi, azy.**

**Nurjan Hajy at-abyraý alandyr,**
**Al sakgar peşgeşi tozan salandyr,**
**Asly düýejidir şahyryň dosty,**
**Är ýigitdir Esenmämet bilendir.**

**Nurjan Ownuk çapdy Raol Tährany,**

**Karsyýany, Kataliýany, Mehrany;**
**Dehdaştyň atlary baýrakda bardy,**
**Gurbandurdy çapdy Ogab Sährany.**

**Abdy Rahman Arap Garry Hajydan,**
**Weýs näzenindir ony gajydan;**
**Garly möwlam iki dogan çapdylar,**
**Daňda:n örerdiler Narly, Ajydan.**

**Annamuhammet hem Naragyz başy;**
**Atçydan doludyr elmydam daşy;**
**Güljahany çapdy Mejit Jan Hoja,**
**Abyraý alandyr sag bolsun başy.**

**Halyl Hoja seýis bolup ýetişdi,**
**Toýjan i:riň nadikasy atyşdy;**
**Ýüwrük bolup Partizany Tatary:ň,**
**Özi ýaly atlar bilen gatyşdy.**

**Jelil Hywaçynyň Zerrinba:lyny,**
**Ferhad Gyzyl çapdy bilmen salyny,**
**Metin Niýazynyň Soltanasyny,**
**Ýüwrük diýp Ybrahym sypar yalyny.**

**Muhammet Eýmiriň Berliýanyny,**
**Çapjak wagty meýlis gurulýanyny;**
**Mämet Tumaç seýis aýdardy bize,**
**Aty galsa gaty bululýanyny.**

**Owaza Berliýan dogan bir Jeren,**
**Heýran galardylar müçesin gören,**

**Muhammediň ýüregine sag salyp,**
**Ömüri gysga bolup geçendir örän.**

**Molla Settar çapdyrandyr Serdary,**
**Arpa kepek satmak bolsa-da käri,**
**Hajygeldi Hojamlydy seýisi,**
**Süýnende ýadyňa salardy mary.**

**Silwer boldy Soltan Banu urbany,**
**Çapdy Gafur Aga Toýly Gurbany;**
**At oglana tabşyrgysy bolardy,**
**Çapdyrar sen ata gamçy urmany.**

**Ýusup Ak çapardy Aýdepel gyry,**
**Sagrysy dik idi kellesi süýri;**
**Gafur ak bir ýerde dura bilmezdi,**
**Çagyryp hajany, işany-piri.**

**Kähruba Igdiri Jaýly çapardy,**
**At deňinden geçjek bolsa gapardy,**
**Birinji bolanda Esenmät Köçek,**
**Gurbanguly Ymam Hany tapardy.**

**Ženiral Wişkany çapdy Nurberdi,**
**Ýüwrükligin Sadyk eýesi gördi;**
**Altyn asyr bilen Ýakup Aweri,**
**Hajy Nowaýy hem döranlar sürdi.**

**Aköýli Alaýy çapyp Fernazy,**
**Birinji bolanda çaldyrdy sazy;**
**Şetab hem baýraga baran zamany,**

**Şat bolardy Molla Şaberdi razy.**

**Aköýli Alaýyň dogany Nadyr,**
**Diýerdi bizde hem Belmod Ýäzd badyr;**
**Atlaryň zähmetin çekmek biz bilen,**
**Ýokarda keremli özüdir kadyr.**

**Nurýagdy Hekimiň Mahym janyny,**
**Birinji edendir bilmen sanyny;**
**Nurberdiniň Alkateli ýüwrükdi,**
**Artdyrdy Tähranda şöhrat-şanyny.**

**Mejit Hoja Halyl çapdy maýany,**
**Ara açyp geçdi hatty paýany;**
**Şahyryň başyna gyzgyn howada,**
**Gahryman boluban saldy saýany.**

**Şahyryň ýylkysy bardyr höwürli,**
**Ýatagy, mekany bagly söwürli;**
**Alkatel peşgeşler şonda önendir,**
**Körükli obada tokaý böwürli.**

**Iskenas hem ýüwrük at bolup geçdi,**
**Jepbaryň emleri üstünden düşdi;**
**Sopy Gökdi Çekäwekiň eýesi,**
**Täzelikde ömür çyrasy öçdi.**

**Hajy Meret bardy gülkünçdy, ýazdy,**
**Aýdym aýdan wagty taýagy sazdy;**
**Tuwakberdi Ketde Suhan Tumaç hem,**
**At çapardy ýöne gazygy azdy.**

**Türkden bir seýis bar Mätidir ady,**
**Jesika, Mätiýar köňlüniň şady;**
**Ki:şiň adasynda çapgy bolanda,**
**Hak almak ugrunda eýledi dady.**

**Hekim Hojamly hem öwýändir özün,**
**Dik düşdi seýisdir ýaşymaz sözün,**
**Molla Merjan hanyň Ýakuty çapsa,**
**Seýisi Ahmat jan sowamaz gözün.**

**Annageldi Anjan ol Sary Ownuk,**
**Hajy Muhat, Nurjan hem bary Ownuk;**
**Oraz jan ýene-de bolsa-da bardyr,**
**I:risi bolsa-da deň ýary Ownuk.**

**Tumaçdan, Gyzyldan, Sakgally, Kemden,**
**Atlary çapanda basylmaz demden;**
**Sebäbi atlaryn ýüzdürip suwda,**
**Ulanyp balygyň ýagy dek emden.**

**Haýsy seýis haýsy aty çapanyn,**
**Bilmesim men kimi depip gapanyn;**
**Günähimi geçsin aşakly seýis,**
**Şahyr çäre tapman ýazdy tapanyn.**

**Häzirki ýagdaýda küýe gelenler,**
**Şular idi ýazdym diýsin bilenler;**
**Ata taryh diýip segsenlenji ýyl,**
**Ýazdy "Serhoş" bilsin ýürek dilenler.**

*Indi gadym zaman Kümmet, Ammarolum, Akgala, Benderde at çapylýan meýdanlar gurulmaka Türkmen şaher we obalarynda toý tutup at çapyljak zamany (gynanç bilen, aşaky derýa boýunyň ýaşulularyna ýetikçiligim ýok, ötünç isleýän) baş bolup gatnaşan adamlaryň adyny, at taryhynda senet bolup galsyn diýip, ýigrim alty setirde goşgy bilen ýatlaýyn:*

**Gadym zaman çapgy guruljak bolsa,**
**Iliň salasyna duruljak bolsa,**
**Ýaşulular pata berermiş ilki,**
**Agzybirlik toýy ýörüljek bolsa.**

**Emi:n taýyn bolup toýy başlardy,**
**Ýyldam at üstünde gulpak saçlardy;**
**Süýerngi kowjak diýp ýüwrük at münüp,**
**Meýdanyň içinde goja, ýaşlardy.**

**Atabaýdan Nur Emniýe gelerdi,**
**Japar Halwat ýaşy uly bolardy;**
**Maşat Salak, Orazguly Şurawy,**
**Toýa başlyk Akgaladan şolardy.**

**Japarbaýdan bilmenem men kim bardy,**
**Turaç, Ownuk, I:ri ýa-da kem bardy;**
**Ýaş bolmasa ol zamanda gümanym,**
**Hekimguly Gara Kürdi hem bardy.**

**Şahyryň atasy Türkmen toýunda,**
**Tagandurdy ady ýygnap öýünde;**
**Atabaý, Japarbaý, Ganýokmaz, Gojuk,**
**Maslahat edibän çaýyň boýunda.**

**Anna Gasyr bilen, Satanlak sary,**
**Tagy Keseburun, Neçjary bary;**
**Baýramdurdy Gojuk, Halatguly han,**
**Süleýman Heläki, Tekeden Çary.**

**Kümmet şäherinde çapgy bolanda,**
**Çar tarapdan Türkmen aty dolanda,**
**Adyn tutanlarym ýaş uly idi,**
**Hormaty bar idi Türkmen çölünde.**

**Öwez Hajy Köçek toý bolsa bardy,**
**Gafur Hajy Sarly çapgyda ýardy,**
**Allaguly Han hem Igdir ilinden,**
**Sözüniň yzynda tapylan ärdi.**

**Hajy Mämet Lagar Düýeji başy,**
**Gurban Şady ýakyn ederdi daşy,**
**Toý bolsa marawa Emmentden gelip,**
**Gatnaşardy toýa ortady ýaşy.**

**Isgenderden Tagan Gyzyldiş gelip,**
**Gan ýokmaz toýunda ile baş bolup,**
**Gojukdan Pälewan Hamyt jan bilen,**
**Pürjan han bar idi ýylgyryp gülüp.**

**Dazlardan bar idi Söýün Jurjany,**

**Bar idi Gökleňiň Şanazar hany;**
**Hally Şirmämetli, Baýramguly baý,**
**Hojamgylyç tekin çörekli hany?**

**Bular idi Türkmen toýa serkerde,**
**Bardy atam çapgy bolsa her ýerde,**
**Ýatdan çykan köpdür ötünç islärin,**
**Bu ýaşdan soň huş hem galmandyr serde.**

**Iki ýüz kyrk setir agyr goşgyny,**
**Ýazyp ýüreklerde atyň yşkyny,**
**Galkyndyrdym senet bolup galmany,**
**"Serhoşyň" ýadygär duýgy joşguny.**

## BEDEW ATLAR

**At bilen gylyçdyr ýoldaşy äriň,**
**Ganyma duş bolsa şonda bellidir.**
**At ganatyň bolar gylyç hem ýaryň,**
**Gaça söweş bolsa şonda bellidir.**

**Bedew atlar meýdan islär, ýow islär,**
**Toýnagy gyzýança silkildäp ýortar;**
**Gyzan soň toýnagy uýan tow islär,**
**Üstünde oturan uýanyn dartar.**

**At meýdanda çapgy bolan zamany,**
**Gulagyn keýkerdip batlanyp gezer;**
**Aty Resul öwüp etmäň gümany,**
**Atlynyň yrsgaly günbe-gün ozar.**

**Ig diş ata jepa bermek zulumdyr,**
**Gynananda göz ýasyna serediň;**
**Sapak berseň mekdeplerde ylymdyr,**
**Ýagşy saklap göwräňize per ediň.**

**Bedew at diýdigi gamyş gulakdyr,**
**Boýny inçe dutar sapy dek uzyn;**
**Şol syrat bolmasa ýaby ulakdyr,**
**Seretseň bellidir sagrysyn, gözün.**

**Uýlugy agyrmaz at münen kişiň,**
**Ýetmiş segsene hem ýetende ýasy;**
**Atsyz bolma "Serhoş" oň bolar işiň,**
**Wagtynda ýakyna getirer daşy.**

***Gökje Ýolma şahyrdan eden soraglarym***
***we onuň beren jogaplary***

**Sorag**
**Bizden salam bolsun gökje şahyra,**
**Munapykdan beter kapyr kim bolar?**
**Dessan baglan aşyk Zöhre-Tahyra,**
**Mollanepes tekin şahyr kim bolar?**

**Jogap**
**Bizden salam Tagy juwan şahyar,**
**Dine dawa eden, kapyr bu durur.**
**Sözüm gysga tizden ýeter ahyra,**
**Kemine, Şabende şahyr bu durur.**

**Sorag**
**Näme diýp köp boldy gyzyň bahasy?**
**On Tümene ýetdi arpaň hapasy,**
**Galmady ekilmän daglar depesi,**
**Behişti meýlerde sa:gyr kim bolar?**

**Jogap**
**Baha bolsa köpdür gyzyň sapasy,**
**Zamana baglydyr arpaň bahasy,**
**Ekedir adamzat köpdür höwesi,**
**Jennetde Hur-Gulman sa:gyr bu durur.**

**Sorag**
**Gyz bahasyn tapa bilmez näçesi,**
**Aýra il almaga gider ejesi;**
**Gaçmak pikre düşer ilki gijesi,**
**Bu gelne guwanan ma:dar kim bolar?**

**Jogap**
**Garyplykda galyň tapmaz näçesi,**
**Gaýry taýpa alýar ýoksuz beçesi,**
**It-le pişik bolar ilki gijesi,**
**Ak,aklykdan alan ma:dar bu durur.**

**Sorag**
**Oraza tutarlar ogurlyk maldan,**
**Rebbim görkezse-de gaýytmaz pälden,**

**Hasap edip görseň geçendir saldan,**
**Bu hesaby ýazan na:zyr kim bolar?**

**Jogap**
**Ruza tutup zekat berse malyndan,**
**Zamana doralar gaýtsa pälinden;**
**Ýagşy ýaman tanyp bolmaz salyndan,**
**Perişteler bardyr na:zyr bu durur.**

**Sorag**
**Näçeleri alym diýýer özüne,**
**Hiç ygtybar bolmaz diýen sözüne,**
**Haram eder gara çekip ýüzüne,**
**Şeýle musulmandan kapyr kim bolar?**

**Jagap**
**Alym hem adamdyr boladyr a:sy,**
**Alymlara ýaman diýmekdir pisi,**
**Zynakär, humarbaz, arakhor isi,**
**Musulmandan azan kapyr bu durur.**

**Sorag**
**Haramdan, halaldan ýygnarlar maly,**
**Niçik geçer beýle adamyň haly,**
**Çölde suwsuz galan düýeler ýaly,**
**Haka ka:nyg bolan sa:byr kim bolar?**

**Jogap**
**Gaçmazlar haramdan ýygnarlar maly,**

**Ol ýerde kyn ermiş şol kesiň haly,**
**Ýamaz ýaş dökse asha:plar ýaly,**
**Ybadatda bolan sa:byr bu durur.**

**Sorag**
**Köpdür aýdar bolsa "Tagynyň" sözi,**
**Düşümde göründi enwerli ýüzi,**
**Orta boý, sakgally, mähriban gözi,**
**Magtymguly tekin şahyr kim bolar.**

**Jogap**
**At gazanan şahyr magtymgulydyr,**
**Ony meşhur eýlän şirin dilidir;**
**Türkmen milletinde Gökleň ilidir,**
**"Gökje Ýolma" sözüm häzir bu turar.**

***Gökje Ýolma şahyryň bizden eden soraglary***
***we biziň beren jogabymyz***

**Sorag**
**Sowal sorsam şahyr oglan Tagydan,**
**Habar ber yslamdan iman nämedir?**
**Neçüýn çykdy adam jennet bagydan,**
**Adamyň duşmany ýaman nämedir?**

**Jogap**

**Bersem jogap şahyr Gökje Ýolmaga,**
**Imanyň paýasy şu bäs zat bolar;**
**Şertidir her kimse mömün bolmaga,**
**Biz tarapdan saňa şeýle ýat bolar.**

**Namazdyr owwaly, ikinji ruza,**
**Bizekatyň maly meňzeşdir buza,**
**Mätäçdir tagamlar bir mukdar duza,**
**Haj bilen jahat hem şular dek bolar.**

**Şu bäş zatdyr bir soragyň paýasy,**
**Kyrk dörtdir kuranda gelen aýasy,**
**Bugdaýy iýdirdi melgun alasy,**
**adamyň duşmany şeýtan dek bolar.**

**Sorag**
**Ol nämedir ýokdur oňa şereket?**
**Ol ne ýyldyz eýlemeýär hereket?**
**Ol nämedir asla bolmaz bereket?**
**Gögerip guraýan saman nämedir?**

**Jogap**
**Ol hudaýdyr ýokdur oňa şereket,**
**Köp ýyldyzlar bardyr etmez hereket,**
**Bolmaz haram malda hiç wagt bereket,**
**Garraýan juwanlar saman dek bolar.**

**Sorag**
**Ol nämedir bäs wagtda seslener?**

**Ol kimlerdir ol dünýäge beslener?**
**Kimler erer ölenden soň peslener?**
**Lerzana bolunýan duman nämedir?**

**Jogap**
**Ol azandyr sopylaryň sedasy,**
**Ol mömümler Muhammediň pedasy,**
**Ölenden soň kapyrlaryň jezasy,**
**Ýagty jahan oňa duman dek bolar.**

**Sorag**
**Aryk suwlar süýtler çeşme çeşme ballary,**
**Bihesapdir miweleri, gülleri,**
**Garramazlar ýigrim bäşde sallary,**
**Sapaly döwranlar aman nämedir?**

**Jogap**
**Aby haýat zemzem çeşme diýgeni,**
**Garramaz gül ysgap miwe iýgeni,**
**Daýym-ul-ömr sapaly jaý diýgeni,**
**Behiştdir baglary erem dek bolar.**

**Sorag**
**Günäkäre gyl dek bolup ýatadyr,**
**Kimler bolar ýyldyrym dek ötedir?**
**Ol kimlerdir ýylan yçýan ýutadyr?**
**Gyzgyny sowugy ýaman nämedir?**

**Jogap**

**Seratyň köprüsi inçedir gylsan,**
**Tiz geçer mömünler şeýle bir poldan,**
**Harys baýlar geçe bilmezler puldan,**
**Gyzgyn sowuk jaýlar dowzah dek bolar.**

**Sorag**
**Bu dünýäden habar bergil ýene-de,**
**Muhammet geçendir haýsy senede?**
**Ol ne tiken batar jana, tene-de,**
**Gyzykly gurulan zaman nämedir?**

**Jogap**
**On birinji hijri-kamary ýylda,**
**Muhammediň geçen senesi munda,**
**Bu pany gyzykly gurulan günde,**
**Ajy söz adama tiken dek bolar.**

**Sorag**
**Gökje Ýolma näme haýwanda uly?**
**Ol ne haýwan erer gezedir çöli?**
**Ol ne, kiçi bolup gorkuzar pili?**
**Bedeni gapyrjak çaman nämedir?**

**Jogap**
**Kiçidir kergeden gorkuzar pili,**
**Ol jerendir gezer elmydam çöli,**
**Balyk-u ýylandyr haýwanda uly,**
**Çamandyr pyşbaka ýäşik dek bolar.**

**"Tagy" sen diliňi uzatma her ýan,**
**köp sowallar bolar aradan jerýan,**
**ýaşyrma sözlegil sözüňi urýan,**
**seniň dostuň ýene gökje dek bolar.**

## KÖPDÜR GELEN

**Giň jahana giň pikirli ýaşanlar,**
**Ýädigär goýupdyr ölmezden ilki;**
**Yrfanyň bamyna çykyp aşanlar,**
**Hudaýa ýakynlap pir imiş belki.**

**Pir diýdigi ýakyn durar hudaýa,**
**Hakykatdan başga göräýmez gözi;**
**Rähimlidir mydam misgin-gedaýa,**
**Ýa rebbim, ýa Alla, bolýandyr sözi.**

**Yrfanyň bamyna çykan aryplar,**
**Köpdür reb şemaly ösen illerde;**
**Attar, möwlana dek öten maryplar,**
**Eserler goýupdyr parsy dillerde.**

**Bulhasan Harakan, Baýezit Bastam,**
**Bardyr ýene at gazanan şahyrlar.**
**Şemseddin Muhammet Hafyzdyr benam,**
**Omar Haýýam, Jamy tekin mahyrlar.**

**Aryp şahyr barmyş ol Jelal Balhy,**
**Yrfan çeşmesinden ganyp içipdir;**
**Sagdynyň bostany bolsa-da parhy,**
**Dünýä ýagty salyp ömri geçipdir.**

**Bular aryp hem şahyrdyr eserli,**
**Ýöne Ferdusy dek ene diline;**
**Türkmenden bir ussat geçdi keserli,**
**Ol hem Magtymguly Türkmen iline.**

**Yrfan sözün goşgy bilen ýetirdi,**
**Ene dili ýitip gitmesin diýip;**
**Şahyrlarmyz bu gün sowgat getirdi,**
**Ýyl dönüm, däpleri ýitmesin diýip.**

**Arzuw edip Ýomut, Gökleň, Tekäni,**
**Töretide harman guran Pyragy;**
**Bir bolsun diýp gollap garyp ýekäni,**
**Aktokaýda öçdi ömür çyragy.**

**Köp ýerde sözläpdir ýürek duýgyny,**
**Kemlik bilýän eken aýtman ölenin;**
**Ahyrat howpumyş diýsek gaýgyny,**
**Ol sebäpden aýdyp küýe gelenin.**

**Yşk oduna berýan diýen sözünde,**
**Il malyna, ol halyna gerýanmyş;**
**Kyýamatdan gorkup Türkmen düzünde,**
**Gorky, umyt arasynda heýranmyş.**

**Nesihat edipdir Türkmen iline,**
**Mertleriň ýolunda jan beriň diýip;**
**Sahawat guşagyn baglap biline,**
**Pahra-meskine nan beriň diýip.**

**Şehit etdiň diýip Hesen-Hüseýni,**
**Kerbelany ýatlap geçen ýeri bar.**
**Arzuw edip şolaň bolan öýüni,**
**Bir alladan dileg eden seri bar.**

**Nesar edip janyn şahi-merdana,**
**Wasp edip Alynyň zulpykaryny;**
**Dünýäniň dört künjün gezip gerdana,**
**Musulman edipdir kapyr baryny.**

**Bir ýerde halyňa şükr eýle diýip,**
**Aýdypdyr ryzk üçin gaýgyly bolma;**
**Allanyň adyny zikr eýle diýip,**
**Ýazylan takdyra saralyp solma.**

**Magtymguly köp söz aýdyp he bapdan,**
**Pahimi giň gerek kyndyr bilerdin;**
**Hadysy-Kurandan, köwser şarapdan,**
**Magny seçsin Türkmen gaýra-ilerden.**

**Iki ýüz hem ýetmiş ýyllyk toýuny,**
**Päk toprakly mezarynda tutarlar;**

**Bezäp şahyr-alymlardan öýüni,
Goşgy bilen waspyn göge götärler.**

**Magtymguly köpdür gelen ýanyňa,
Türkmenistan meýlisiniň başlygy;
Gelipdir sözlärler seniň şanyňa,
Parh etmez muştaga ýakyn daşlygy.**

**Eýrandan hem uly başlyklar gelip,
Açdylar gursakda bar bolan genjin;
Sen aryp şahyryň hormatyn bilip,
Ýadyndan çykarýar daş ýoluň renjin.**

**Biz hem seň adyňa bunýad guradyk,
Alym, şahyr, ýazyjylar jem bolup;
Sen ussada muryt bolup döredik,
Alymlar ýanynda "Serhoş" hem bolup.**

## SÖÝÜŞMEK

**Söz açaýsam söüşmekden söýgüden,
Ýüregiň dermany bolar söýüşmek;
Söýüşmän öýlenen ýigitler mydam,
Janynyň armany bolar söýüşmek.**

**Dessanlar ýazylyp goşuldy goşgy,
Aşyk-magşuklaryň geçmiş halyna.
Duşaýsa her kimiň üstünden ýoly,
Weýran eder bakmaz onuň salyna.**

**Agyr eken yşkyň ýüki daglardan,**
**Bilýändir ol ýüküň astyna düşen;**
**Saýrasa-da bilbil yşkyň nagmasyn,**
**Ýokdur perwana dek yşk ýolda bişen.**
**Ne süýji zat bardyr jana ýokumly,**
**Bal arysy aýdar şähtler güldedir;**
**Açar eneler hem gunça gülüni,**
**Ol sebäpden ene mähri dildedir.**

**Suw berse bagban wagtynda güle,**
**Öser güli müşk kokyýar gülüstan;**
**Ynsan hem çaganyň gullugna ýetse,**
**Bolar ýaşaýşy elmydam messan.**

**Şeýle bagyň beýle biten gülüne,**
**Gadyr bilen bilbil tekin ýar gerek;**
**Taparlar bir-birin goýaýsa agýar,**
**Tikene gül gerek güle ha:r gerek.**

**Gaýgy kesel bilen bolmaňyz goňşy,**
**Kelenjar dagwadan gaça duruňyz;**
**"Serhoş" bolup ýaşa gelse eliňden,**
**gidejek siz şuny yakyn görüňiz.**

## ENEDIR

**Beni adam ýaranyp, bu dünýäýe gelende,**
**Iki ýaşda dil açyp, ilki özün blende,**
**Gülüp-aglap sözlese, şu at bolar dilinde,**

**Hormaty köp ýürekde eptiharly enedir.**

**Uky şirin hem bolsa, bala ondan süýjüdir,**
**Ynsan çaga zamany, ene jana iýjidir,**
**Her ne ýazsam eneden, sözbaşydyr-ujudyr,**
**Ukusyzlyga dözen ruzygärli enedir.**

**Mysal üçin getiriň göz öňüne bir guşy,**
**Ganat ýaýyp uçýança balasydyr dilhoşy,**
**Enäniň çeken jebrin bilmelidir her kişi,**
**Balasynyň yzynda ahy-zarly enedir.**

**Mekdep-medrese ýollar, çaga ýedä ýetende,**
**Öýermek pikre düşer oglanlykdan ötende,**
**Göz guwanjym balam diýp şatlyk toýun tutanda,**
**Golun çermäp saç ýaýan, zülpi tarly enedir.**

**"Tagy" diýe enäniň sylagy köp ýanyma,**
**hyzmatynda durar men dem tapylsa janymda,**
**sebäbi enäň mähri bardyr ýürek ganymda,**
**mahapbet bossanynda gül-gülzarly enedir.**

## Köňlüm AÇYLMAZ

**Ýüregim darygyp köňlüm açylmaz,**
**Heýran galyp bu dünýäniň işine.**
**Wyjdany depeläp pisden gaçylmaz,**
**Ýagly tagam degmez köpüň dişine.**

**Tanaby çüýrükdir bu gysga ömrüň,**

**Çyg hem gury aýagyna ýakylýar.**
**Tüssesi yzadyr ýanan kömüriň,**
**Ot ýanyp öçen soň küli kakylýar.**
**Her kimiň ýoldaşy bolar amaly,**
**Eden işiň il gözünden sowulmaz.**
**Biri täze geýer biri ýamaly,**
**Arassa ýamaly hiç wagt kowulmaz.**

**Çagalykdan ýaşap gelen ýoldaşlar,**
**Bir-birden sowulyp aýyrdy ýolun.**
**Ýürekden syr içip ganan syrdaşlar,**
**Goýup gitdi bu gun sag bilen solun.**

**Şatlyk hem zor bilen ele gelmeýär,**
**Şatlyk üçin durmuş ýagşy bolmaly.**
**Şatlygyň gadryny her kim bilmeýär,**
**Şatlyga dutarly bagşy bolmaly.**

**Begenýändir adam pahyr geljege,**
**Ömür çöpy azal ýanyn bilmäni.**
**Ýagşy durmuş gerek mylgyp güljege,**
**"Serhoş" gül sen galar goşgyň ölmäni.**